TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– EZIZ WATANYMYZYŇ GARAŞSYZLYGY BAGTYÝAR WE ABADAN DURMUŞYMYZYŇ BINÝADYDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
30-njy sentýabr, 2022. Belgisi 39/1501



# BAGTYÝAR IL TOÝ TUTDY

**27-nji sentýabrda ähli türkmenistanlylar bir supra jem bolup, umumymilli ruhubelentlik we şatlyk ýagdaýynda Watanymyzyň şanly Garaşsyzlygynyň 31 ýyllygyny belledi**

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň çuň manyly goşgy setirlerinde waspy ýetirilen türkmen halkynyň garaşsyz döwlet baradaky köpasyrlyk arzuwy 1991-nji ýylyň güýzünde hasyl boldy. Watanymyzyň iň täze taryhy hut şu ykbal çözüji pursatdan gözbaş alýar. Bu gün Türkmenistanyň dünýäniň durnukly ösýän döwletleriniň biri hökmünde berkarar bolmagy, daşary ýurtlar, iri halkara we abraýly sebit guramalary bilen köpugurly hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin ygtybarly binýady döredendigini ynamly aýtmak bolar. Halkara bileleşik tarapyndan bildirilen uly ynam we hormatsarpa ýurdumyzyň oňyn başlangyçlarynyň giňden goldanylmagyny şertlendirdi. Şol başlangyçlar häzirki döwrüň wajyp meselelerini çözmäge, parahatçylygy, ählumumy howpsuzlygy we durnuklylygy pugtalandyrmaga, energetika howpsuzlygynyň täze arhitekturasyny kemala getirmäge, ulag ulgamynda, ekologiýada, daşky gurşawy goramakda hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilendir.

Taryh üçin gysga döwrüň içinde Türkmenistanda döwlet we jemgyýetçilik gurluşy ulgamy ep-esli kämilleşdirildi, iri möçberli durmuş-ykdysady özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar. Döwlet maksatnamalarynyň yzygiderli durmuşa geçirilmegi netijesinde şäherlerimiziň we obalarymyzyň keşbi tanalmaz derejede özgerdi, agzybir türkmen halkynyň bagtyýar durmuşda parahat we asuda ýaşamagy, tutanýerli zähmetiniň hözirini görmegi üçin ähli şertler döredilýär. «Döwlet adam üçindir!» diýen şygara laýyklykda, soňky ýyllarda dürli maksatly, ilkinji nobatda, durmuş maksatly desgalaryň köp sanlysy gurlup ulanmaga berildi.

Ýurdumyzda döwlet Garaşsyzlygynyň 31 ýyllygy, däp bolşy ýaly, ajaýyp üstünlikler we zähmet ýeňişleri bilen bellendi. Şol üstünliklerdir ýeňişleriň her biri häzirki Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ýyl ýazgysyna altyn harplar bilen ýazylar. Döwlet Baştutanymyzyň Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlanmagy şu ýylyň esasy wakalarynyň biri boldy. Saýlawlar giň bäsdeşlik, açyklyk we aýanlyk ýagdaýynda geçdi. Ygtybarly hukuk binýadynyň döredilmegi türkmenistanlylaryň erk-islegini erkin beýan etmeginiň kepili boldy. Munuň özi ýurdumyzda amala aşyrylýan demokratik özgertmelere, raýatlarymyzyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň durmuşa geçirilmegine täze itergi berdi.

«Meniň baş maksadym Garaşsyzlygymyzyň we Bitaraplygymyzyň esaslaryny has-da berkidip, ýurdumyzy beýik geljegimize tarap ynamly öňe alyp barmakdan ybaratdyr» diýip, hormatly Prezidentimiz golaýda geçirilen Döwlet Maslahatynda eden çykyşynda aýtdy we döwlet syýasatynyň geljekki esasy ugurlaryny kesgitledi. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, Garaşsyzlyk baýramy mähriban halkymyzyň durmuşynda diňe möhüm sene bolmak bilen çäklenmän, eýsem, geçen ýolumyza baha bermek, gazanan üstünliklerimiziň ähmiýetine düşünmek we öňde duran wezipeleri kesgitlemek üçin hem ajaýyp mümkinçilikdir.

Nygtalyşy ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň alyp baran çuňňur oýlanyşykly, ylmy taýdan esaslandyrylan döwlet syýasaty ýurdumyzyň ynamly we depginli ösüşini, maliýe-durmuş taýdan durnuklylygyny üpjün etdi. Ösüşiň senagat-innowasion ýoluny dowam etdirmäge, tebigy, mineral-çig mal we adam mümkinçiliklerimizi peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam berdi.

Ýurdumyzyň baş baýramynyň hormatyna eziz Watanymyzyň ähli künjeginde köpöwüşginli aýdym-sazly çykyşlaryň guralandygyny bellemek gerek. Şolarda täze taryhy eýýamyň döredijilik güýji öz beýanyny tapýar. ■2



# Baýramçylyk at çapyşygy geçirildi

**28-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynda Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 31 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen dabaralara gatnaşdy.**



Ýurdumyzyň baş baýramyna gabatlanyp her ýyl geçirilýän at çapyşyklary türkmen halkynyň asyrlardan gözbaş alýan däplerine ygrarlydygyny, döwürleriň we nesilleriň dowamat-dowamlylygyny özünde jemläp, baýramçylyga aýratyn öwüşgin çaýýar.

Köpetdagyň ajaýyp künjeginde ýerleşen hem-de baýramçylyk çapyşyklarynyň geçirilýän ýerine öwrülen Halkara ahalteke atçylyk sport toplumyny ir säherden uludan tutulýan türkmen toýunyň şowhuny gurşap aldy.

Hemmeler ruhubelentlik bilen hormatly Prezidentimizi mübärekleýärler. Döwlet Baştutanymyz ady rowaýata öwrülen behişdi bedewlere gadyr goýýan ussat çapyksuwar bolmak bilen, asylly maşgala däplerini dowam etdirip, milli seýisçilik sungatynyň ösdürilmegine, onuň dünýädäki abraýynyň belende galmagyna, atçylyk sportunyň höweslendirilmegine hem-de giňden wagyz edilmegine uly üns berýär. Dutarda saz çalmak we aýdym aýtmak ussatlygyny görkezen bagşy-sazandalaryň toparynyň çykyşy baýramçylyga aýratyn öwüşgin çaýdy. Şanly sene mynasybetli toplumyň çäginde halk döredijiliginde gözelligiň, wepalylygyň, dostlugyň, asyllylygyň, edermenligiň, Watana bolan söýginiň nyşany bolan ahalteke bedewlerine bagyşlanan sergi ýaýbaňlandyryldy. ■2

# Garaşsyzlyk bilen galkyndy Diýar

**«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda ýurdumyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllygy giňden bellenildi. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllyk baýramynyň giňden bellenýän günlerinde ähli pudaklarda ýokary netijeler gazanylýar, paýtagtymyzda hem-de welaýatlarymyzda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulanmagyna, ýokary ykdysady netijeleriň gazanylmagyna gönükdirilen desgalar, binalar gurlup ulanylmaga berildi.**

Biz her ýyl Garaşsyzlyk baýramyna sowgatlar bilen barmak isleýäris. Bu isleg içki dünýämizde mukaddes borja, jogapkärçilige öwrülýär. Her ýylyň Garaşsyzlyk güni zähmet ýeňişlerine beslenýär. Häzirki wagtda Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyz ähli ugurlar boýunça uly üstünliklere beslenip, bedew bady bilen öňe barýar. Ykdysady kuwwatynyň artmagy bilen, ýurdumyzda gurulýan desgalaryň sany köpelýär, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi yzygiderli ýokarlanýar. Gazanýan üstünliklerimiz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň eçilen datly miweleridir. Ýurdumyz ösüşleriň-özgerişleriň mekanyna öwrüldi. Durmuşa geçirilýän işleriň özeninde hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasaty durýar.

Dost-doganlygyň mekany bolan ýurdumyzda halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak, raýatlaryň hukuklarynyň amala aşyrylmagyny üpjün etmek, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini berkitmek, ösüp gelýän ýaş nesli bilime, ylma, halal zähmete hormat goýmak ruhunda terbiýelemek biziň baş maksadymyzdyr.

Ýurdumyzyň 1991-nji ýylyň güýzünde mukaddes Garaşsyzlygyna eýe bolup, sanlyja ýyllaryň dowamynda dünýäde iň abraýly döwletleriň birine öwrülmegi, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamalary esasynda hemişelik Bitaraplyk derejesi berlen ýurt hökmünde resmi taýdan iki gezek ykrar edilen ýeke-täk döwlet hasaplanylmagy, ähli başlangyçlary biragyzdan goldanylýan sebit hökmünde Türkmenistanyň özüni tanatmagy ýurt Garaşsyzlygymyzyň miweleridir. Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanylan üstünliklere ser salanymyzda, ýurdumyzda uly ösüşleriň gazanylandygyny görmek bolýar. Şu ýerde käbir sanlara ýüzlenesimiz gelýär. 2011–2021-nji ýyllarda ykdysadyýetimize gönükdirilen umumy karzlaryň möçberi 17,2 milliard manatdan 106 milliard manada çenli ýokarlandy. ■3

**Ilkinji kosmos ekspedisiýasyny ibermekçi**
22-nji sentýabrda kosmos maksatnamasyny işe girizen Saud Arabystany özüniň ilkinji kosmonawtlaryny 2023-nji ýylda uçurmagy meýilleşdirýär. Bu barada ýurduň kosmos gullugy tarapyndan habar berildi. 4

**Dünýädäki iň owadan obalar**
Ýer ýüzünde «esasy önüm öndürijileriň» mekany bolan obalaryň geografik ýerleşişi, tebigaty we binagärlik aýratynlyklary taýdan biri-birinden tapawutlanýan, fauna, flora dünýäsi bilen görenleri haýran edýän birnäçesi bar. 5

**Şu ýyl Nobeliň edebiýat baýragyny kim alar?**
2022-nji ýylyň edebiýat boýunça Nobel baýragynyň eýesi 6-njy oktýabrda mälim ediler. Bukmeýkerleriň pikiriçe fransuz ýazyjysy Mişel Welbek bu baýraga esasy dalaşgärdir. 6

**UEFA Milletler Ligasynyň toparçalaýyn tapgyry tamamlandy**
UEFA Milletler Ligasynyň toparçalardaky duşuşyklary tamamlanyp, final tapgyrynda çykyş etjekler, şol sanda ýokary liga çykanlar hem-de aşaky liga düşenler belli boldy. 7

## Bütindünýä deňiz güni

Bütindünýä deňiz güni 1978-nji ýyldan bäri hökümetara deňiz maslahat beriş guramasynyň (Halkara deňiz guramasy) 10-njy mejlisiniň karary bilen bellenilip geçilýär. Bu sene 1980-nji ýyla çenli 17-nji martda bellenen bolsa, soňra sentýabryň soňky hepdesinde geçirmek kararyna gelindi.



Bütindünýä deňiz gününiň maksady, halkara jemgyýetçiliginiň ünsüni deňizde we ummanlarda aşa köp balyk tutmagy çäklendirmegiň, suwuň hapalanmagy we global ýylylyk sebäpli düzedip bolmajak zyýanyň öňüni almagyň, şeýle hem biologik, tebigy we dynç alyş ýerlerini gorap saklamagyň derwaýys meselelerine ünsi çekmekden ybaratdyr.

BMG-niň maglumatlaryna görä, soňky 100 ýylda tunes, treska, marlin ýaly balyk görnüşleriniň 90 göterimi tutuldy. Her ýyl deňizlere we ummanlara, takmynan, 21 million barrel nebit guýulýar.

**Arslan BABAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Katar Dünýä Kubogyna taýýar

Katar futbol boýunça Dünýä Kubogyna ählitaraplaýyn taýýarlyk görýär. Häzirki wagtda soňky synag işleri geçirilýär. Uglewodorod serişdelerine baý bolan Katar Dünýä Kubogyna degişli infrastrukturany döretmek üçin 208 milliard dollar sarp etdi.



Şeýle hem häzirki wagtda bu çempionatyň öňüsyrasynda soňky synag işleri amala aşyrylýar. Gelýän myhmanlara we janköýerlere göwnejaý hyzmat etmek we awtobus gatnawlary üçin synag işleri ýerine ýetirildi. Bu ýere 1 milliondan gowrak adam barar. Olara awtobus hyzmatlary üçin ýene-de 3 müňden gowrak awtobus satyn alnar. Olaryň 700-si elektrikli awtobuslar bolar. Awtobus hyzmaty janköýerleri Doha şäherindäki 8 stadiona gatnadar. Janköýerlere we myhmanlara awtobuslardan we beýleki hyzmatlardan mugt peýdalanmaklary üçin «Haýýa» atly ýörite kartlar paýlanar.

**Ýagmyr ÇALIKOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Halkara terjime güni

Her ýylyň 30-njy sentýabrynda dünýäniň köp ýurdunda – Halkara terjime güni bellenilýär. 2017-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisinde ýokary hilli terjimäniň halklary birleşdirmekdäki, parahatçylygy, düşünişmegi we ösüşi ösdürmekdäki ornuny ykrar edýän kararnama biragyzdan kabul edildi we 30-njy sentýabr Halkara terjime güni hökmünde kesgitlendi.



Halkara terjime güni Halkara terjimeçiler federasiýasy tarapyndan 1991-nji ýylda döredilýär. Halkara terjimeçiler federasiýasy bolsa 1953-nji ýylda döredildi we häzirki wagtda 60-dan gowrak ýurtdan 100-den gowrak terjimeçileriň assosiasiýasynyň wekillerini özünde jemleýär. Halkara terjime gününiň 30-njy sentýabrda bellenilmegi tötänden däldir. 420-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda ýazyjy, taryhçy we terjimeçi Ieronim Stridonsk aradan çykýar. Ol terjimeçileriň öňbaşçysy hasaplanýar.

**Mekan ANNABERDIÝEW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## Sürüjisiz ulag öndürer

«Volkswagen» kompaniýasy dolulygyna sürüjisiz hereket edip bilýän nusgalyk görnüşdäki ulagyny tanyşdyrdy. Innowasiýa aýratyn ähmiýet berýän nemes brendiniň «Gen.Travel» atly ulagynda sürüji üçin hiç zat göz öňünde tutulmandyr. Elektrik energiýasy bilen işleýän ýeňil ulagyň gapylary adaty ulaglaryňkydan giňligi bilen tapawutlanýar. «Emeli aň» tehnologiýasy oturdylan elektrokar energiýany tygşytly sarp edýär. Oturgyçlary dolulygyna ýatyrylýan ulag uzak ýola syýahata çykýanlar üçin hem rahat hasaplanýar.



Sürüjisiz ulagyň 5-nji derejesine eýe bolan (sürüjä hiç hili zerurlyk duýmaýan tehnologiýa) modeliň satuwa çykaryljak wagty mälim edilmedi.

**Aýlar ILBAÝEWA,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.*

# BAGTYÝAR IL TOÝ TUTDY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

### ŞANLY BAÝRAMA BAGYŞLANAN KONSERT

26-njy sentýabrda Ahal welaýatynyň Nowruz ýaýlasyndaky «Türkmeniň ak öýi» binasynda Türkmenistanyň Garaşsyzlyk baýramynyň 31 ýyllyk baýramy mynasybetli sungat ussatlarynyň baýramçylyk konserti geçirildi. Dabara ýurdumyzyň hökümet agzalary, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylary, Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Prezidenti Rustam Minnihanowyň hem-de Sankt-Peterburgyň gubernatory Aleksandr Beglowyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet, ýurdumyzdaky daşary ýurtly ilçiler, Russiýanyň «Ural» tans topary, ýerli we daşary ýurtly habarçylar gatnaşdylar. Konsertiň öň ýanynda «Türkmeniň ak öýi» binasynyň giň meýdanynda baýramçylyk çykyşlary guraldy. Ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň aýdym-sazly çykyşlary, dürli teatrlaşdyrylan sahnalar, türkmeniň milli oýunlary görkezildi. Bu ýerde türkmeniň ak öýi, hiňňildikler gurnalyp, ýurdumyzda ösdürilip ýetişdirilen miwedir gök önümleriň sergisi, alabaý itleri, ahalteke bedewidir düýeler myhmanlarda uly gyzyklanma döretdi. Soňra «Türkmeniň ak öýi» binasynda ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň baýramçylyk konserti geçirildi. Konsertde ýurdumyzyň Garaşsyzlyk döwründe gazanan üstünliklerini wasp edýän birnäçe aýdymdyr sazlar ýaňlandy.

### DABARALY ÝÖRIŞ GEÇIRILDI

27-nji sentýabrda paýtagtymyzdaky Döwlet münberi toplumynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllygy mynasybetli dabaraly ýöriş geçirildi. Oňa hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow gatnaşdy. Münberde Hökümet agzalary, Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy, Halk Maslahatynyň Başlygynyň orunbasary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri, ýurdumyzda işleýän diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylary, daşary ýurtly myhmanlar ýygnandylar.



Şanly sene mynasybetli ýurdumyzyň goranyş kuwwatynyň ýörişe doly taýýardygy hakyndaky hasabatdan soňra, Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Serdar Berdimuhamedow harby ýörişe başlamaga rugsat berdi. Däp bolşy ýaly, ýörişiň dowamynda ýurdumyzyň goranyş kuwwatyny üpjün etmäge niýetlenen häzirki zaman ýerüsti, howa uçar tehnikalary we ýaraglar görkezildi. Harby düzümleriň esgerleri bolsa öz ukyp-başarnyklaryny, nyzam emellerini ýerine ýetirmekde ýokary ussatlygyny görkezdiler.

Ýaragly Güýçlerimiziň kuwwatynyň harby gözden geçirilişinden soňra, meýdançada ýurdumyzyň halk hojalyk toplumynyň dürli pudaklarynyň ýeten sepgitlerini we gazanan üstünliklerini açyp görkezýän awtoulaglaryň toparlary peýda boldy. Münberden ýaňlanan waspnamalar ajaýyp öwüşginli dabaraly ýöriş bilen utgaşdy. Ýurdumyzyň baş meýdançasyndaky toý dabaralary watançylyk mazmunly aýdym-sazly tans çykyşy bilen tamamlandy.

Mahlasy halkymyzyň garaşsyz döwlet barada köp asyrlaryň dowamynda eden arzuwynyň hasyl bolanyna 31 ýyl dolmagy mynasybetli Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ähli ýerinde baýramçylyk dabaralary giňden ýaýbaňlandyryldy. Bu şanly sene mynasybetli ýurdumyzyň çar künjeginde baýramçylyk dabaralary, bäsleşikler guraldy, köp sanly durmuş maksatly binalaryň, önümçilik desgalarynyň açylyş dabaralary geçirildi.

Garaşsyzlyk – belent ykbal! Türkmenistan, türkmen halky Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda Garaşsyzlyk toýuny toýlady. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri tutumly toýlara beslensin!

# Baýramçylyk at çapyşygy geçirildi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Behişdi bedewleriň keşplerine gadymy rowaýatlarda, dessanlarda, şeýle hem türkmen bedewlerine haýran galan daşary ýurtly awtorlaryň taryhy maglumatlarynda duş gelmek bolýar. Geçmişde bolşy ýaly, häzirki wagtda-da ganatly bedewler tükeniksiz döredijilik ylhamynyň gözbaşy bolup, ol sungatyň ähli görnüşlerinde öz beýanyny tapýar. Behişdi bedewleriň çeperçilik keşplerinde çuňňur many-mazmun bar. Häzirki döwrüň ussatlary öz eserlerinde ýokary baha mynasyp bolan ahalteke bedewlerini wasp edýärler.



Ýol ugruna hormatly Prezidentimiz muzeý gymmatlyklary görkezilýän giň gerimli sergini synlady. Bu ýerde paýtagtymyz we ýurdumyzyň bäş welaýaty öz gymmatlyklaryny ýaýbaňlandyrdylar. Baýramçylyk sergisi milli amaly-haşam we şekillendiriş sungatynyň görnüşleri, özboluşly halk senetçiligi, aýawly saklanylýan hem-de nesilden-nesle geçirilip gelinýän däp-dessurlar bilen tanyşmaga mümkinçilik berýär. Baýramçylyga ýurdumyzyň sungat ussatlary hem öz döredijilik sowgatlary bilen gelipdirler.

Hormatly Prezidentimiz Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynyň esasy münber binasynda özi üçin niýetlenen ýere barýar.

Soňra baýramçylyk çapyşyklaryna badalga berilýär. Yzygiderli esasda geçirilýän şeýle ýaryşlar sportuň bu görnüşiniň abraýynyň artmagyna hem-de oňa ýaşlary çekmäge ýardam berýär. Baýramçylyk güni ahalteke bedewleri 7 çapyşykda dürli aralyklarda öz okgunlylygyny, ýyndamlygyny görkezdiler. Çekeleşikli geçen bäsleşikler tomaşaçylaryň ünsüni çekdi.

Ýeri gelende aýtsak, at çapyşyklary çapyksuwarlar üçin özboluşly synagdyr. Sebäbi atçylyk sporty çapyksuwardan diňe bir degişli taýýarlygy däl, eýsem, onuň bedewlere bolan yhlasyny, olara düşünmek başarnygyny hem talap edýär. Şunda bedewlere dogry tälim bermek möhüm şert bolup durýar. Ahalteke bedewleri buýsançly gylygy hem-de hyjuwlylygy bilen tapawutlanýar, şol bir wagtyň özünde çapyksuwar babatda ösen duýgurlygyny görkezýär. Çapyksuwaryňdyr bedewiň arasyndaky özara düşünişmek we ynam bedewlere tälim bermegiň milli ýörelgesiniň aýratynlygydyr. Türkmen seýisleri bu ugurda ýokary ussatlyk görkezýärler. Yzygiderli, tutanýerli türgenleşikler bilen bir hatarda, sportuň bu görnüşinde üstünlik gazanmak üçin köp babatda çapyksuwaryň we bedewiň sazlaşygy zerurdyr.

Ahalteke bedewleriniň ýeňil, sazlaşykly aýak urşy olary asmanda uçup barýan ýaly görkezýär. 1600 metr aralyga ilkinji üç çapyşykda üçýaşar bedewler ýaryşdylar. Geçirilen ilkinji çapyşykda 1 minut 48,2 sekunda deň bolan iň gowy netijäni Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna degişli Döwran atly dor at görkezdi. Onuň çapyksuwary O.Amangeldiýew.

Ikinji çapyşykda pellehana ilkinji bolup 1 minut 50,5 sekunt netije bilen Milli howpsuzlyk ministrliginiň Bäsleşik atly dor aty geldi. Onuň çapyksuwary ussat çapyksuwar Ö.Ýalkabow.

Üçünji çapyşykda 1 minut 49,4 sekunda deň bolan iň gowy netijäni Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna degişli Günaý atly dor gysrak görkezdi. Onuň çapyksuwary M.Kiçigulow.

Galan çapyşyklarda dörtýaşar we ondan uly bedewler ýaryşdylar. 1800 metr aralyga dördünji çapyşykda pellehana ilkinji bolup «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň Ýantar atly dor aty geldi. Ol 2 minut 05,8 sekunt netije görkezdi. Onuň çapyksuwary D.Berdimämmedow. Şolar ýaly aralyga geçirilen bäşinji çapyşykda 2 minut 02,0 sekunt netije bilen pellehana ilkinji bolup Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna degişli Nowruz atly dor at geldi. Onuň çapyksuwary G.Begliýew. 2200 metr aralyga altynjy çapyşykda Aşgabat şäheriniň häkimliginiň Ýagmyr atly dor aty 2 minut 36,20 sekunt netije bilen pellehana ilkinji bolup geldi. Onuň çapyksuwary ussat çapyksuwar B.Begliýew.

Türkmenistanyň Prezidentiniň baýragyny almak ugrunda 2200 metr aralykdaky jemleýji, ýedinji çapyşykda Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna degişli Bezirgen atly akýal mele at pellehana ilkinji bolup geldi. Ol 2 minut 31,3 sekunt netije görkezdi. Onuň çapyksuwary ussat çapyksuwar B.Agamyradow.

Soňra ýaryşyň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy. 1–6-njy çapyşyklaryň ýeňijilerine 100 müň manat möçberinde pul baýragy gowşuryldy. Ýedinji çapyşykda ýeňiji bolan çapyksuwara hormatly Prezidentimiziň baýragy – 300 müň manat möçberinde pul baýragy gowşuryldy.

Bäsleşige gatnaşyjylar döwlet Baştutanymyza ýurdumyzda atçylyk sportuny höweslendirmek we ösdürmek, seýisleri taýýarlamak, olaryň ussatlygyny ýokarlandyrmak ugrunda hemmetaraplaýyn alada edýändigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, at çapmagyň şöhratly däplerini aýawly saklamak we dowam etdirmek, ahalteke bedewleriniň şan-şöhratyny has-da belende götermek üçin mundan beýläk-de ähli tagallalary etjekdiklerine ynandyrdylar.

## Telefonlar kompýuter bilen sazlaşykly işlär

«Intel» kompaniýasy «Windows» amaly ulgamly kompýuterleriň telefonlar bilen sazlaşykly işlemegini üpjün edýän tehnologiýany taýýarlady. «Intel Unison» atly programma bilen kompýuterden telefondaky esasy dört işi – jaň etmek hem-de jaňa jogap bermek, maglumatlary paýlaşmak, sms ibermek we kabul etmek, şeýle hem bildirişleri görmek. Bu aýratynlyk birnäçe ýyldan bäri «Apple»-iň «Mac» kompýuterlerinde bardy. «Intel Unison» programmasy arkaly «iOS» hem-de «Android» amaly ulgamly mobil enjamlary kompýutere birikdirip bolar.



«Intel» geçen ýyl «Screenovate» atly kompaniýany satyn alandan soňra telefonlaryň kompýuterler bilen sazlaşykly işlemegi üçin çözgüt taýýarlap başlapdy. Şeýle hem kompaniýa batareýanyň netijeliligini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda Wi-Fi, «Bluetooth» we beýleki howa arkaly maglumat geçirijileri hem taýýarlaýar. Täze programmanyň «iPhone» telefonlaryny hem kabul edýändigi esasy artykmaçlygy hasaplanýar. «Intel»-iň mobil innowasiýa bölüminiň ýolbaşçysy Joş Nýumanyň aýtmagyna görä, täze programma telefonlar bilen kompýuterleriň arasyndaky çalt maglumat geçirilmegini üpjün eder.

**Döwran NURMUHAMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň uly mugallymy.*

## Syýahatçylyk pudagynyň ösüşi

BMG-niň Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy (UNWTO) şu ýylyň ilkinji ýedi aýyna degişli maglumatlary ýaýratdy. Degişli döwürde jahankeşdeleriň halkara gatnawy 2021-nji ýyldakydan üç essä golaý artypdyr. Şeýle-de bolsa, syýahatçylyk pudagy pandemiýadan ozalky ýagdaýyň 57 göterimine ýetipdir. 2021-nji ýylyň ýedi aýynda 175 million syýahatçy halkara uçuşa gatnaşan bolsa, şu ýylyň degişli döwründe bu görkeziji 474 million bolupdyr.



Syýahatçylyk möwsüminiň iň gyzgalaňly döwri bolan iýun-iýul aýlarynda 207 million jahankeşde halkara howa gatnawyndan peýdalanypdyr. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründäkiden iki esse köp bolupdyr. Maglumatlarda syýahatçylyk pudagynyň Ýakyn Gündogar ýurtlarynda has köp artandygyny görmek bolýar. Sebitde halkara gatnawlar dört essä golaý artypdyr. Bu ugurda ikinji ýeri Ýewropa sebiti eýeläp, 190 göterim ösüş gazanylypdyr. Ýylyň ýedi aýynda Amerikada 103 göterimlik ösüş hasaba alnypdyr. Şeýlelikde, yklymyň bu pudagynda pandemiýadan ozalky ýagdaýyň 65 göterimine ýetilipdir.

Afrika hem uly ösüş gazanan sebitleriň biridir. Bu ýerde 171 göterim ösüş gazanylyp, 2019-njy ýyldaky ýagdaýyň 60 göterimine ýetilipdir.

**Dürjemal NURÝAGDYÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy.*

## Ýeňillikleriň möhleti uzaldyldy

Dünýäniň dürli ýurtlarynda elektrik energiýasy we wodorod ýaly arassa energiýa çeşmeleri bilen işleýän ulaglara dürli ýeňillikler döredilýär. Hytaýda 2014-nji ýyldan bäri şeýle ulaglary satyn alanlar käbir salgytdan boşadylýar. Mundan ozal bu ýeňilligiň 2022-nji ýylyň ahyrynda tamamlanjakdygy mälim edilipdi. Ilkinji gezek 2014-nji ýylda üç ýyl möhlet bilen şeýle ýeňilligiň döredilendigi mälim edilipdi. Soňra bolsa 2017-nji ýylda üç ýyl, 2020-2021-nji ýyllarda bir ýyl uzaldylypdy. Indi bolsa, bu ýeňillik indiki ýylyň ahyryna çenli süýşürildi.



Ýurtda önüm öndürijilere we müşderilere berilýän goldaw elektroulag senagatynyň ösmegine görnetin ýardam etdi. Maglumatlara görä, şu ýylyň ilkinji ýedi aýynda ýurtda jemi hödürlenen salgyt ýeňilligi 40,7 milliard ýuan (5,7 milliard dollar töweregi) bolupdyr.

**Tumar IŞANGULYÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## Süýnýän ekran öndürildi

«Intel Innovation» atly tehnologiýa sergisinde «Intel» we «Samsung» kompaniýalary süýnýän ekranly kompýuteri bilen tanyşdyrdylar. Ululygy 13 dýuýmlyk ýuka ekranyň esasy aýratynlygy gapdallygyna çekilip, 17 dýuýma çenli giňeýändigidir. «Intel» tanyşdyrylyş dabarasynda 13-nji nesle degişli «Alder Lake» mikroprosessoryny hem görkezdi. Kompaniýanyň ýolbaşçysy Pat Gelsinger ekranyň iki gyrasyndan çekip, ony uzaltdy. Bu ýagdaý myhmanlarda uly täsir galdyrdy. «Samsung Display»-iň ýolbaşçysy Js Çoi bolsa, bu enjamy ýanyňda götermegi aňsatlaşdyrmak üçin täze mümkinçilikleriň dörejekdigini belledi.



«Samsung» kompaniýasy 3-4 ýyldan bäri eplenýän ekranly telefonlary öndürýär. «Galaxy Z» ady bilen çykarylan bu telefonlardan soňra kompaniýa has täsin, dürli şekilde ulalyp-kiçelýän enjamlary öndürmäge girişýär.

**Guwanç ANNAMÄMMEDOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Elektrik energiýasy bilen işleýän uçar synagdan geçirildi

«Eviation Aircraft» kompaniýasy birnäçe ýyldan bäri üstünde işlenýän «Alice» atly elektrik energiýasy bilen işleýän uçarynyň ilkinji synagyny amala aşyrdy. Ýolagçylary gysga aralyga gatnatmak maksady bilen öndüriljek bu uçaryň dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýän iki hereketlendirijisi bar. Uçar ilkinji synagynda sekiz minut uçdy.



Kompaniýanyň ýolbaşçysy Gregori Dawis elektrik energiýasy bilen işleýän uçýan taksileriň birnäçe nusgasynyň bardygyny, emma «Alice»-niň 9 orunlyk adaty uçardygyny belleýär. Uçaryň mundan ozalky synagy Ýerde, ýokary tizlikde geçirilipdi. Uzynlygy 17 metr bolan uçarda jemi agramy 3,6 tonna bolan birnäçe batareýa bar. Uçuş wagtynda howa gämisi sagatda 275 km/sagat tizlige ýetdi.

Uçuş şowly geçen hem bolsa, entek bu howa gämisini has-da kämilleşdirmeli. Sebäbi, uçaryň batareýalarynyň agramy aşa köp. Şol sebäpli, ilki bilen batareýalaryň agramyny azaldyp, netijeliligini ýokarlandyrmaly.

**Myrat ATAÝEW,**
*Mary welaýatynyň Polisiýa müdirliginiň Baýramaly etrabynyň polisiýa bölüminiň PÝWB-niň KÝÝIBB-niň müdiri, polisiýanyň maýory.*

## «Vivo» eplenýän ekranly telefonyny tanyşdyrdy



«Vivo» kompaniýasy «X Fold Plus» atly eplenýän ekranly telefonyny tanyşdyrdy. Dört kameraly telefon Hytaýda satuwa çykaryldy. Bu telefon ýokary tehniki aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. 8 dýuýmlyk «2K Plus» durulygynda ekrany bolan mobil enjamyň eplenenden soňra görüp bolýan ikinji daşky ekrany «FHD+» durulygynda bolup, ululygy 6,53 dýuým. Wagtlaýyn ýady 12 GB bolan «X Fold Plus»-yň 256 GB hem-de 512 GB içki ýady bolan iki görnüşi bar. Mälim bolşy ýaly, 2018-nji ýyldan bäri öndürilýän eplenýän ekranly telefonlaryň kamerasy o diýen dury surata düşürmeýärdi. Emma täze nesil telefonlaryň fotokameralary ep-esli gowulandyryldy. Bu telefonyň dört sensorynyň iň ulusy 50 MP durulygynda surata alýar. Ikinji sensory bolsa, 48 MP durulygynda ultragiň surata düşürip bilýär. Şeýle hem telefonda portret üçin 12 MP hem-de goşmaça 8 MP durulygynda kamera sensorlary bar. Selfi kamerasy bolsa, 16 MP durulygynda surata düşürýär.

**Şirin NURGELDIÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Kosmos pudagyny ösdürýär

Hytaý Ýeri öwrenmek üçin peýdalanyljak «Yaogan-36» atly emeli hemrany uçurdy. Şeýlelikde, soňky ýyllarda kosmos pudagynda has köp maýa goýum özleşdirýän ýurt şu aýyň dowamynda altynjy kosmos uçuşyny amala aşyrdy. «Yaogan-36» emeli hemrasy «Long March 2D» göteriji raketasy bilen asman giňişligine çykaryldy. Emeli hemranyň bellenen orbita ýerleşendigi mälim edildi. Bu uçuşyň «Long March» raketasy arkaly amala aşyrylan 439-njy uçuşdygy aýdyldy. Hytaý mundan ozal sentýabr aýynyň dowamynda jemi 5 uçuş amala aşyryp, 7 emeli hemrany orbita çykarypdy. Häzirki wagtda ýurt özbaşdak kosmos bekediniň gurluşygyny hem alyp barýar.



**Selbi BAKAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 30-y, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-110234

Belgisi: 39/1501
Tiražy: 6747
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaý.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Döwletli maslahat geljekki ösüşleriň binýady

*Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ruhubelent halkymyzyň her güni rowaçlyklara beslenip, toýlarymyz toýa ulaşýar. «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylymyz taryhy wakalara, şanly senelere beslenýär. Ýurdumyzda halk bilen döwletiň jebisligi ähli ösüşleriň, öňegidişlikleriň baş badalgasydyr. Arkadagly Serdarymyz: «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýip, öz öňünde goýan maksatlaryna ýetmekde, ilkinji nobatda, halkymyza, onuň agzybirligine we jebisligine, aň-düşünjesine hem-de merdanalygyna bil baglaýar. Häzirki türkmen jemgyýetiniň häsiýetli aýratynlyklary – mizemez agzybirligi, döwletiň we jemgyýetiň bitewüligi, halkyň Arkadagly Serdarynyň daşynda berk jebisleşmegi hut şunuň bilen şertlendirilendir. Şonuň netijesinde ýurdumyzda raýat ylalaşygy we jemgyýetçilik asudalygy berkarar bolup, dostluk we ruhubelentlik höküm sürýär.*

Ýurdumyz häzirki wagtda dünýäde demokratik, hukuk we dünýewi döwlet hökmünde giňden tanalýar. Türkmenistan halkara maslahatlaryň, forumlaryň, sergileriň we beýleki möhüm ähmiýetli çäreleriň geçirilýän mekanyna öwrüldi. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň parasatly ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda eziz Diýarymyzyň halkara abraýynyň barha ýokarlanýandygyndan, her bir öňe sürülýän täze başlangyçlaryň iri halkara guramalar tarapyndan goldanylýandygyndan, şonuň netijesinde Türkmenistanyň parahatçylyk söýüji döwlet hökmünde dünýäde ykrar edilýändiginden habar berýär.

Garaşsyzlyk baýramynyň giňden bellenilen günlerinde ýurdumyzda döwletli maslahat geçirildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň baştutanlygynda geçirilen Türkmenistanyň Döwlet Maslahaty ýurdumyzyň Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanan üstünlikleriniň giňden beýannamasyna öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiziň Döwlet Maslahatynda eden çykyşynda: «Garaşsyzlyk ýyllarynda biziň halkymyzyň ýüreginde Watana bolan söýgi, onuň güýç-kuwwatyna we geljegine bolan ynam, gurmaga, döretmäge bolan höwes, depginli ösüşini üpjün etmek islegi pugta orun aldy. Biz beýik işlerimizi Watanymyza bolan söýgimiz bilen amala aşyrýarys. Gaýratly zähmetimiz bilen Watanymyzyň beýikligini has-da şöhratlandyrýarys» diýip belledi.

Hormatly Prezidentimiz geljek ýedi ýylda ýurdumyzda özleşdiriljek maýa goýumlary, ýurduň önümçilik kuwwatyny pugtalandyrmagyň ugurlary barada anyk sanlar bilen belläp geçdi. Bu döwürde zähmet haklarynyň möçberleriniň 1,8 esse artdyrylmagy, 30 müňe golaý goşmaça iş orunlarynyň döredilmegi göz öňünde tutulýar. Ýaşaýyş jaýlarynyň, bilim ojaklarynyň, saglygy goraýyş we medeniýet ulgamynyň desgalarynyň, önümçilik we durmuş maksatly binalaryň ýüzlerçesi gurlar. Hormatly Prezidentimiz hususy kärhanalaryň işine aýratyn üns berip, olaryň bäsdeşlige ukyply ýokary hilli önümleri öndürmek, Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunу, Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezini we beýleki iri taslamalary amala aşyrmak ugrunda alyp barýan işlerini aýratyn belläp, geljekde bu ulgamy ösdürmegiň wezipelerini kesgitledi.



Hormatly Prezidentimiz Döwlet Maslahatynyň barşynda ýurdumyzyň raýatlaryny Türkmenistanyň «Zenan kalby» ordeni bilen sylaglamak hakynda, şonuň ýaly-da «Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy» diýen ady dakmak hakynda Permanlara, şeýle-de iş kesilenleriň Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllygy mynasybetli günäsini geçmek hakynda resminama gol çekdi. Munuň özi halkymyzy täze ýeňişlere, döredijilik gözleglerine ruhlandyrdy.

Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda geçirilen maslahatda ýurdumyzyň ählumumy ösüşlerini mundan beýläk hem ilerletmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmak maksady bilen, il bähbitli, ýurt ähmiýetli kararlar we çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiziň belläp geçişi ýaly, ösüş biziň alyp barýan syýasatymyzyň baş maksadydyr. Şoňa görä-de, dünýädäki syýasy, ykdysady, maliýe ýagdaýlara garamazdan, bu gün jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady özgertmelerimizi üstünlikli durmuşa geçirýäris. Ilkinji nobatda, ösüş ýoly arkaly ýurdumyzyň ykdysady we durmuş taýdan durnukly ösüşini berkitmek, dünýädäki ornuny has-da pugtalandyrmak hem-de ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak üçin ähli tagallalary edýäris. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», şeýle-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelere laýyklykda, ykdysadyýetimiziň hem-de jemgyýetçilik durmuşymyzyň ähli ugurlaryny gurşap alýan işler, guwandyryjy netijeler munuň aýdyň subutnamasydyr.

**Kerkawgeldi BAGABEKOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# Garaşsyzlyk bilen galkyndy Diýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu karz serişdeleriniň hasabyna Aşgabat şäherinde we sebitlerimizde ýokary tehnologiýaly täze önümçilikler döredildi. Häzirki zaman durmuş, ulag-kommunikasiýa, inženerçilik infrastrukturalary emele geldi. Şu ýyl ýurdumyzyň günbatar we demirgazyk sebitleriniň merkezlerinde köpugurly hassahanalar, Daşoguz şäherinde bolsa onkologiýa hassahanasy dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berildi. Aşgabat şäherinde Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň, Halkara pediatriýa merkeziniň hem-de Stomatologiýa merkeziniň gurluşyk işleri alnyp barylýar. Ýurdumyz bäsdeşlige ukyply smart telewizorlary, noutbuklary, planşetleri, monobloklary, sensor ekranly kompýuterleri dünýä bazaryna çykarýar. Häzirki döwürde dokma kärhanalarynyň 60-dan gowragynda nah we garyşyk ýüplükleriň dürli görnüşleri, tüýjümek, jins matalary, taýýar egin-eşikler, el halylary öndürilip, ýokary hilli harytlar dünýä bazaryna çykarylýar. Ýakyn geljekde dünýäniň inženerçilik serişdelerini, binagärlik sungatynyň gazananlaryny ulanmak arkaly dürli maksatly ajaýyp binalary we desgalary öz içine alýan, ýaşamak we dynç almak üçin ähli zerurlyklary üpjün edilen «Aşgabat-siti» gurlar. Ýakynda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň çäginde welaýatyň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň birinji tapgyry dabaraly ýagdaýda açylar.



Ýokarda agzalan ykdysady görkezijilerden hem görnüşi ýaly, beýik ösüşleriň okgunly bady, ähli künjekleri gurşap alan giň möçberli özgertmeler döwrümiziň beýik ösüşlere beslenýändigini görkezýär. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistany toplumlaýyn döwrebaplaşdyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şunda milli ykdysadyýetiň esasy ulgamlaryny has-da ösdürmäge degişli işler durmuş ugurly wezipeleri çözmek bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ýurdumyzda yzygiderli durmuşa geçirilýän maksatnamalar, şol sanda 2028-nji ýyla çenli döwür üçin niýetlenen Prezident Maksatnamasy, Oba milli maksatnamasy, Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy munuň aýdyň subutnamasydyr.

Ýurdumyzyň geljekki rowaçlyklaryny hem-de halkymyzyň eşretli durmuşyny nazarlaýan maksatnamalaýyn işleriň ara alnyp maslahatlaşylmagy hem-de olar boýunça degişli çözgütleriň kabul edilmegi bolsa Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň geljekki ösüşleriniň binýadyny berkider. Watanymyzyň pajarlap ösmegi, halkymyzyň bolelin durmuşda ýaşamagy, döwlet berkararlygymyzyň dowamat dowam bolmagy ugrunda beýik işleri amala aşyrýan Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun.

**Hekim ORAZOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Türkmenistanyň halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy pugtalanýar

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllyk toýunyň bellenilýän döwründe eziz Diýarymyz özüniň daşary syýasat ugruny «Ösüş arkaly parahatçylyk» taglymaty esasynda işjeň ösdürýär. Hormatly Prezidentimiz wezipä girişmek dabarasynda eden çuň mazmunly çykyşynda: «Biziň döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan esasy ýörelgeler, anyk aýdylanda bolsa Ýer ýüzünde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek, hoşniýetli, dost-doganlyk gatnaşyklaryny giňeltmek, durnukly ösüşi üpjün etmek geljekde hem Garaşsyz Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolar» diýip nygtamak bilen, daşary syýasat strategiýasynyň esasy ugruny mälim etdi. Ýurdumyz dünýäde howpsuzlygyň üpjün edilmeginde, durnukly ösüşiň gazanylmagynda möhüm orun eýeleýär.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiz soňky ýyllarda dünýäniň 149 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Ýurdumyz abraýly halkara guramalarynyň 50-ä golaýynyň agzasydyr. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan halkara konwensiýalaryň we ylalaşyklaryň 161-sine gatnaşýar.

Häzirki wagtda daşary ýurtlarda Türkmenistanyň 40 sany diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary işleýär. Şeýle hem ýurdumyzyň ilçileri halkara guramalaryň 15-sinde Watanymyza wekilçilik edýärler. Biziň ýurdumyzda bolsa, daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň 46-sy işleýär.

Ýurdumyz soňky ýyllarda abraýly halkara forumlaryň münberinde parahatçylyk, howpsuzlyk hem-de hyzmatdaşlyk meselelerine degişli ählumumy sebit ähmiýetli köpsanly başlangyçlar bilen çykyş etdi. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly abraýly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär.

Türkmenistan bilen BMG-niň gatnaşyklary özüniň strategik ýagdaýy bilen tapawutlanýar. Şu ýyl Türkmenistan Milletler Bileleşigine agza bolmagynyň şanly 30 ýyllygyny giňden belledi. Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky oňyn hyzmatdaşlygyň netijesinde, ýurdumyzyň Baş Assambleýanyň nobatdaky sessiýasynda indi 7-nji gezek wise-başlyklyk edýändigi aýratyn mana eýedir. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan şu ýylyň iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň wise-başlyklygyna biragyzdan saýlanypdy.



- ☑ *Türkmenistan nobatdaky sessiýada BMG-niň Baş Assambleýasynyň garamagyna 2025-nji ýyly «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek baradaky teklibi hödürleýär.*
- ☑ *2022-nji ýylyň dekabrynda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň döredilmeginiň 15 ýyllygynyň bellenilýändigi nazara alnyp, Baş Assambleýanyň garamagyna bu merkeziň orny hakyndaky nobatdaky Kararnamanyň taslamasy hem hödürlenilýär.*
- ☑ *Bu gezekki sessiýada Türkmenistan halkara gatnaşyklarda ynanyşmak dialogynyň filosofiýasyny ilerletmek bilen, BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly Kararnamasynyň taslamasyny işläp taýýarlamagyň başyny başlamagy göz öňünde tutýar.*
- ☑ *2023-nji ýylyň maý aýynda BMG-niň Aziýa–Ýuwaş umman sebiti üçin Ykdysady we Durmuş komissiýasynyň BMG-niň Aral deňzi üçin Ýörite maksatnamasyny döretmek baradaky Kararnamasynyň taslamasy boýunça gepleşikler täzeden dowam etdirmek göz öňünde tutulýar.*
- ☑ *Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda pes uglerodly energetikany ösdürmek boýunça ählumumy strategiýany, hususan-da, wodorod energetikasyny ösdürmek boýunça halkara «Ýol kartasyny» işläp taýýarlamak baradaky teklibini gaýtadan öňe sürýär.*

Eziz Diýarymyzyň işjeň hyzmatdaşlyk saklaýan halkara guramalarynyň biri hem Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasydyr. Geçen ýyl paýtagtymyzda Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň 15-nji Sammiti geçirildi. Türkmenistan YHG-niň döwlet Baştutanlarynyň sammitlerine işjeň gatnaşýar. 1996-njy ýylyň 13-nji maýynda YHG-niň Aşgabatda bolan sammiti Tejen–Sarahs–Maşat demir ýolunyň açylyş dabarasyna gatnaşmakdan başlanypdy. Şol gün Sarahsda Türkmenistan, Özbegistan, Azerbaýjan we Gruziýa ýük gatnatmalary we demir ýol gatnawy boýunça hyzmatdaşlyk etmek barada dört taraplaýyn şertnama gol çekilipdi.

Ýurdumyz sebit hyzmatdaşlygyna uly ähmiýet berýändigi üçin köp sanly halkara guramalaryň ünsüni özüne çekýär. Şol guramalaryň biri hem Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasydyr. Bu gurama bilen Türkmenistanyň gatnaşyklarynyň köptaraplylygy guramanyň sammitlerine Türkmenistanyň Prezidentiniň hormatly myhman hökmünde çagyrylmagy bilen berk baglanyşyklydyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň golaýda bu guramanyň sammitine hormatly myhman hökmünde gatnaşmagy we köp sanly başlangyçlary öňe sürmegi ýurdumyzyň oňyn daşary syýasatynyň rowaçlanýandygynyň subutnamasydyr.

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy 21 ýyl bäri üstünlikli işleýär. ŞHG halkara hyzmatdaşlygynyň köp taraply gurluşynyň täsirli merkezlerinden biri bolup, Ýewraziýa sebitiniň howpsuzlygyny, durnukly durmuş-ykdysady ösüşini we umuman halkara parahatçylygy we durnuklylygy saklamaga möhüm goşant goşýar. ŞHG-ä degişli ýurtlaryň umumy meýdany 34 million kwadrat kilometrden gowrak, ýagny Ýewraziýanyň çäginiň 60%-inden gowrakdyr. ŞHG ýurtlarynyň umumy ilaty, takmynan, 3,4 milliard adama deňdir.

Şeýle giň meýdany eýeleýän halkara gurama bilen Türkmenistanyň işewürlik geňeşini döretmek babatdaky başlangyçlary, energetika ulgamynda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegi ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklaryna hem oňyn täsirini ýetirer.

**Abdulla GURBANMÄMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Rahat durmuşymyzyň kepili

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen halkymyzyň saglygy, asuda, abadan durmuşy üpjün edilýär. Şoňa laýyklykda, her ýylyň 1-30-njy sentýabry aralygynda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlyk geçirilýär. Döwlet derejesindäki bu çäräniň dowamynda ýurdumyzyň ähli künjeklerinde köçe-ýol hereketiniň howpsuzlygy boýunça terbiýeçilik maksatly giň gerimli işler alnyp baryldy.

Gahryman Arkadagymyzyň ynsanperwer başlangyjy bilen ählihalk çäresine öwrülen «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlyk ýurdumyzyň ähli künjeginde ýokary guramaçylyga beslenip geçirildi. Bu biraýlygyň dowamyndaky wagyz-nesihat hem-de düşündiriş çäreleri ýol hereketine gatnaşýan pyýadalaryň we sürüjileriň ählisiniň hukuk düşünjeleriniň kämilleşmegine oňyn täsirini ýetirýär.



Bilim edaralarynda ýol hereketiniň düzgünleriniň doly hem dogry berjaý edilmegine bagyşlanylan çäreleriň terbiýeçilik ähmiýeti uly bolup, olar ýaş nesliň saglygyny goramaga we köçe-ýol hereketleri arkaly ýüze çykýan hadysalaryň öňüni almaga, her bir maşgalanyň guwanjy bolan ýaş nesliň ömrüniň rahatlygyny goramaga gönükdirilendir. Biraýlygyň dowamynda umumy bilim edaralarynda ýol hereketiniň düzgünlerini berjaý etmek, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak boýunça ýörite işler geçirildi.

Ata Watanymyzyň asuda, parahat, bagtyýar durmuşy ugrunda geçirilen biraýlyk jemgyýetimiziň iň gymmatly baýlygy bolan ynsan saglygy we onuň howpsuzlygy hakynda döwlet derejesindäki aladanyň aýdyň beýanydyr. Giň ýollarda sazlaşykly hereketleriň üpjün edilmegi, olaryň döwrebaplaşdyrylmagy hem ýurdumyzyň ösüşiniň kepilidir. Garaşsyzlyk ýyllary içinde gazanylan ählihalk durmuş ugurly maksatlarynyň ösüşini, özgerişini döwrebap ýollaryň dünýä ölçeglerine hem-de milli ýörelgelerimize laýyk getirilmeginden görmek bolýar.

Ýol hereketine gatnaşyjy her bir raýatyň şahsy ýolagçy ýa-da sürüji hökmünde köçe-ýol hereketiniň düzgünlerini bilmegi, doly we dogry berjaý etmegi hökmanydyr. Şoňa görä-de, ýollarda özüňi alyp barmagyň düzgünleri baradaky maglumatlar bilen ýakyndan tanşylyp, bu biraýlyga bagyşlanyp geçirilen çärelere agzybirlik bilen işjeň gatnaşyldy. Çünki howpsuz ýollar biziň her birimizi ak bagta atarýar.

Hormatly Prezidentimiziň hukuk goraýjy edaralarynyň işine berýän hemmetaraplaýyn goldawy üçin sagbolsun aýdyp, mundan beýläk hem ýurdumyzda jemgyýetçilik asudalygyny we hukugyny goramakda, hukuk bozulmalarynyň öňüni almakda, ýangyn we ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmekde gullugymyzy gyşarnyksyz ýerine ýetirjekdigimize ynandyrýarys. Halkymyzyň we ýaş nesliň saglygy hakynda alada edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, beýik işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Ýalkap HUDAÝBERDIÝEW,**
*Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Polisiýa bölüminiň polisiýanyň ýol gözegçilik bölümçesiniň wagyz-nesihat işleri boýunça gözegçisi, polisiýanyň leýtenanty.*

# Gahryman Arkadagymyzyň toý sowgady

Toýa sowgatly barmak türkmen halkynyň asylly däpleriniň biri. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllygynyň öňüsyrasynda Gahryman Arkadagymyz bagtyýar, agzybir halkymyza «Türkmenistanyň elektroenergetika kuwwaty» atly türkmen, iňlis we rus dillerinde beýan edilen täze kitabyny peşgeş berdi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ruhy hazynasyny baýlaşdyran bu kitaba Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy, alym Arkadagymyzyň 3-nji sentýabrda Döwlet energetika institutynyň talyplary hem-de mugallymlary bilen geçiren duşuşygyndaky taryhy çykyşy girizilipdir.

Täze kitap hemişelik Bitarap döwletimiziň elektroenergetika ulgamynyň ýeten belent sepgitlerini anyk görkezijiler arkaly beýan edýär. Bu ajaýyp kitapda milli ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlarynyň özgerişiniň, ynsanyň ýaşaýyş-durmuşyndaky ýeňillikleriniň esasyny düzýän elektroenergetika pudagynyň kemala gelşi, ösüş taryhy, iri taslamalary, milli maksatnamalary amal etmekdäki kuwwatly orny hakynda täsirli söhbet edilýär.

Kitapda Türkmenistanyň elektroenergetika strategiýasyna, bu ulgamda durmuşa geçirilýän milli maksatnamalaryň hem-de iri taslamalaryň, olaryň ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň pugtalandyrylmagyna ýetirýän oňyn täsiriniň netijelerine seljerme syny berilýär. Neşirde bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow energetika pudagynyň ösdürilmegini Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watanymyzyň ykdysady strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde kesgitledi.



Kitapda köp sanly anyk we statistiki maglumatlar getirilip, ýurdumyzyň umumy elektroenergetika düzüminde welaýatlaryň ösüşiniň möhümdigi bellenilýär we pudagyň okgunly ösüşine hem-de düzümleýin özgertmelerine häsiýetnama berilýär. Türkmen ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynyň biri hökmünde energetika senagatynyň ösüşine berilýän anyk ylmy seljerme hem-de maglumat-teswirnamalar milli elektroenergetikanyň barha artýan kuwwatyny, onuň döwrebaplaşdyrylmagynyň, işgärler bilen üpjünçiliginiň maksatlaryny aýdyň görkezýär.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan ýokary çaphana usulynda neşir edilen täze kitapda ýurdumyzyň elektroenergetika ulgamynyň düzümleýin özgertmelerine häsiýetnama berlip, elektrostansiýalarda alnyp barylýan işler, olaryň enjamlaşdyrylyşy dogrusynda giň düşünje berýän fotosuratlaryň ýerleşdirilmegi bu ugurdaky ösüşimizi töwerekleýin şöhlelendirip, onuň ähmiýetini artdyrýar.

Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasynyň miwesi bolan ajaýyp kitaplary türkmen halkynyň kitap gorunyň has-da baýlaşmagyna saldamly goşant goşýar. Şeýle hem bu ajaýyp eserler türkmen halkynyň milli ruhy-medeni gymmatlyklaryny we ýörelgelerini gaýtadan dikeltmekde we ösdürmekde uly ähmiýete eýe bolýar. Mundan başga-da, bu gymmatly kitaplaryň diňe bir türkmen dilinde däl, eýsem, rus, iňlis, dünýäniň dürli dillerinde neşir edilmegi dünýä jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma döredýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn okgunly ösüşini aýdyň görmek bolýar. Ýurdumyzy iri göwrümli özgertmeler gurşap alyp, ol barha artýan depginler bilen ösýär. Döwletimiziň ykdysady kuwwaty artýar, demokratik esaslary pugtalandyrylýar, jemgyýetde parahatçylyk, agzybirlik we durnuklylyk höküm sürýär, halkyň ruhy dünýäsi baýlaşýar, kämilleşýär. Türkmenistan sözüň doly manysynda bilimiň, ylmyň we medeniýetiň ojagyna, sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurduna öwrüldi. Ýurdumyzyň ilaty amala aşyrylýan ägirt uly özgertmelere guwanýar, döwletiň aladasyny we goldawyny her ädimde duýýar.

Eziz Diýarymyzyň ýeten belent derejeleriniň, gazanan üstünlikleriniň halkymyzyň agzybirliginden hem-de jebisliginden gözbaş alýandygyny belleýän Gahryman Arkadagymyzyň gymmatly pikirleri hemmeler üçin uly gollanma bolup durýar.

Goý, Gahryman Arkadagymyzyň galamy hemişe ýiti bolsun! Ata Watanymyzyň döwletli başlangyçlaryny, milli ösüşlerini beýan edýän ajaýyp kitaplarynyň höwri köp bolsun!

**Orazmuhammet BABAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# Nobatdan daşary Prezident saýlawlary geçiriler



20-nji noýabrda Gazagystanda döwlet Baştutanynyň nobatdan daşary saýlawlary geçiriler. Bu baradaky degişli Karara 21-nji sentýabrda Respublikanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew gol çekdi.

«2022-nji ýylyň 20-nji noýabrynda Gazagystan Respublikasynda nobatdan daşary Prezident saýlawlary geçiriler» diýlip, Kararda bellenilýär. Respublikanyň Merkezi saýlaw toparyna saýlawlaryň guramaçylyk işlerini hem-de geçirilmegini üpjün etmek, ýurduň hökümetine bolsa, saýlawlaryň maliýe we maddy-tehniki goldawy üçin zerur çäreleri görmek tabşyryldy.

Mundan öň Kasym-Žomart Tokaýew şu ýylyň güýzünde döwlet Baştutanynyň nobatdan daşary saýlawlaryny geçirmek baradaky teklibini hödürledi.

Gazagystanyň Prezidenti wezipesine dalaşgärleri hödürlemek işleri şu ýylyň 23-nji sentýabrynda başlady we 11-nji oktýabra çenli dowam eder. Bu barada Respublikanyň Merkezi saýlaw toparynyň başlygynyň orunbasary Konstantin Petrow mälim etdi. Dalaşgärleri hödürlemek hukugynyň bellenilen tertipde hasaba alnan Respublikan jemgyýetçilik birleşiklerine degişlidigi bellenilýär.

## MERKEZI SAG BILELEŞIGINIŇ ÝEŇŞI

25-nji sentýabrda Italiýada parlament saýlawlary – Deputatlar palatasyna we Senata saýlawlar geçirildi. Düzüminde «Italiýanyň doganlary», «Liga» we «Öňe, Italiýa!» partiýalary bolan merkezi sag koalisiýasy sesleriň 90%-den gowragy sanalandan soň Senata (parlamentiň ýokarky palatasy) geçirilen saýlawlarda 44,53% sese eýe boldy. Şeýle maglumatlary Saýlaw toparynyň wezipelerini ýerine ýetirýän Içeri işler ministrligi mälim etdi. Merkezi sag bileleşigi Deputatlar palatasyna geçirilen saýlawlarda hem 44,34% sese eýe boldy.

Şol bir wagtyň özünde ýeňiji koalisiýanyň düzümindäki öňdebaryjy güýç «Italiýanyň doganlary» partiýasy bolup, Senatda 26,39%, Wekiller palatasynda bolsa, 26,44% sese eýe boldy. Onuň lideri Jorja Meloni hökümet başlygyna dalaşgär hökmünde hödürlener.

Ýaran partiýalar bolan Matteo Salwininiň «Liga» we Silwio Berluskoniniň «Öňe, Italiýa!» partiýalary Jorja Meloniniň hökümetiniň düzülmegine gatnaşar. Bu partiýalar Senata geçirilen saýlawlarda degişlilikde, 9% we 8,23% ses alyp, Wekiller palatasynda hem takmynan, şonça sese eýe boldular.

### PARTIÝALARYŇ GAZANAN NETIJELERI

► Synçylar Matteo Salwininiň «Liga» partiýasynyň 10%-den hem az ses gazanan netijelerini pes hasaplaýarlar. Demokratik partiýanyň ýolbaşçylygyndaky Merkezi çep koalisiýasy Senatda 26,25%, Wekiller palatasynda 26,45% sese eýe boldy. Şol bir wagtyň özünde Demokratik partiýa 20%-den geçip bilmedi. «5 ýyldyz hereketi» 15% ses gazandy.

«Hereket» we «Ýaşaýan Italiýa» partiýalarynyň gazanan sesi 8%-den geçmän, Silwio Berluskoniniň «Öňe, Italiýa!» partiýasyndan yza galdy. Berluskoniniň özi bir orunly etrapda ýeňiş gazanyp Senata girdi. Alternatiw partiýalar üç göterimden az ses gazanyp, «Italexit» we «Garaşsyz we Halk Italiýasy» parlamente girip bilmedi.

Üçden biri azaldylan geljekki parlamentiň jemleýji düzümi, çylşyrymly proporsional-mažoritar ulgama laýyklykda kesgitlener. Şeýlelik bilen, soňky hökümetiň daşary işler ministri Luiji Di Maýo parlamentiň täze çagyryşyna girmeýär.




### ÝOL KARTASY

► Parlamentiň täze çagyryşynyň ilkinji mejlisi 13-nji oktýabrda meýilleşdirilýär. Şonda iki palatanyň başlyklarynyň saýlanmagyna garaşylýar. Dolandyryş iýerarhiýasynda kimiň ikinji we üçünji orny eýelejekdigi belli bolansoň döwlet Baştutany bilen geňeşmeler başlar. Maglumatlara görä, olar 17-18-nji oktýabrda geçirilip bilner. Häzirki aç-açan netijeler esasynda, hökümet gurmak işiniň tiz amala aşyrylmagy mümkin. Synçylaryň bellemegine görä, täze häkimiýetler Ýewropa Bileleşigi tarapyndan bellenilen möhletlere eýerip, derrew býujetini tassyklamaly bolarlar. Şeýlelikde, Mario Draginiň öňki hökümetiniň taslamasy esas hökmünde kabul edilip bilner. Häzirki saýlawlar Draginiň kabinetini goldaýan giň koalisiýanyň bölünmegi sebäpli ýüze çykan hökümet çökgünliginden soň möhletinden öň geçirildi.

## Premýer-ministr wezipesine bellendi

27-nji sentýabrda Saud Arabystanynyň Patyşasy Salman ben Abdelaziz Al Saud Mirasdüşer Şazada Muhammed ben Salman Al Saudy Patyşalygyň Ministrler Kabinetiniň başlygy wezipesine belledi. Bu barada «Al Arabiya» teleýaýlymy habar berdi.

Teleýaýlymyň maglumatlaryna görä, Saud Arabystanynyň Patyşasy Mirasdüşer Şazadany Premýer-ministr edip bellemek barada karar çykardy.

Şol bir wagtyň özünde, monarhyň kararynda «Patyşanyň hut özüniň gatnaşýan hökümet ýygnaklary onuň (Patyşanyň) baştutanlygynda geçiriler» diýlip bellenilýär.

Şeýle hem, Saud Arabystanynyň Patyşasynyň karary bilen Haled ben Salman ben Abdel Aziz ýurduň goranmak ministri wezipesine bellendi.



Mundan ozal Patyşanyň özi Ministrler Kabinetine ýolbaşçylyk edýärdi, Mirasdüşer Şazada bolsa Saud Arabystanynyň Premýer-ministriniň birinji orunbasary we goranmak ministri bolupdy.

## Ilkinji kosmos ekspedisiýasyny ibermekçi

22-nji sentýabrda kosmos maksatnamasyny işe girizen Saud Arabystany özüniň ilkinji kosmonawtlaryny 2023-nji ýylda uçurmagy meýilleşdirýär. Bu barada ýurduň kosmos gullugy habar berdi.

Kosmos gullugynyň maglumatlaryna görä, bu meýilnamanyň maksady «gysga we uzak möhletli kosmos uçuşlary üçin işgärleri taýýarlamak, halkara ylmy barlaglara gatnaşmak we kosmos pudagynyň döredýän ähli mümkinçiliklerinden peýdalanmakdan ybarat».

Saud Arabystanynyň kosmos maksatnamasy patyşalygyň iki raýatyny HKS-e çykarmak boýunça birnäçe çäreleri öz içine alýar. 2023-nji ýylda meýilleşdirilýän ilkinji ekspedisiýanyň çäginde erkekleri we zenanlary kosmosa çykarmak meýilleşdirilip, patyşalygyň taryhynda ilkinji zenan kosmos giňişligine uçurylar.

16-njy iýulda Saud Arabystany ABŞ-nyň kosmosda özüňi alyp baryş şertleri we «Artemis» şert-



namasy diýlip atlandyrylan Aýyň barlaglary baradaky tekliplerine goşuldy. «Artemis» atly amerikan Aý programmasynyň adyny göterýän bu çäreler toplumy, ABŞ bilen beýleki ýurtlaryň arasynda 1967-nji ýyldaky kosmos şertnamasynyň ýörelgelerine esaslanýan ikitaraplaýyn şertnamalaryň tapgyrydyr.

## Ýarym million elektroulag öndürer

2025-nji ýylda ýarym million elektrik ulagy öndürmek Ispaniýanyň hökümetiniň öňünde goýan maksadydyr. Bu barada ýurduň Premýer-ministri Pedro Sançes aýtdy.

Taslama 2,5 milliard ýewro möçberinde maýa goýlar, 3 müň iş orunlary döredilер. Estremadura awtonom jemgyýeti, pudagyň bu ösüşiniň «baş gahrymany» bolar. Öň Ispaniýanyň demirgazygyndaky Estremadura awtonom sebiti awtoulag öndürilýän merkez bolan bolsa, indi bu ýer litiý magdanlary we batareýa zawody bolan täze pudagyň esasy merkezi bolar.



Ispaniýanyň hökümeti şu onýyllygyň ortalarynda elektroulag önümçiliginiň depginini artdyrmaga oňat mümkinçilik döreder. Häzirki wagtda diňe «Stellantis» awtoulag zawodlary gaty az mukdarda bolsa-da, elektrik bilen doly abzallaşdyrylan ulag serişdelerini öndürýär. Ispaniýanyň awtoulag öndürijisi «Seat» Martorell şäherinde ýarym million elektroulag öndürmegi meýilleşdirýär, ýöne bu görnüşli ulaglaryň ýygnalmagy 2025-nji ýylda başlasa-da, birnäçe ýyldan soň «Cupra» we «Skoda»-nyň bölümleri bilen bu maksada ýetiler. Ispaniýadaky «Volkswagen» zawody hem 300 müň töweregi elektroulag öndürmegi maksat edinýär.

## Pikasso bagyşlanan sergiler

Madridiň Prado muzeýi, Pariždäki Pompidu merkezi, Nýu-Ýorkdaky Metropoliten muzeýi we başga-da dünýäniň ençeme belli muzeýleri 1973-nji ýylyň 8-nji aprelinde aradan çykan ispaniýaly suratkeş Pablo Pikassonyň aradan çykmagynyň 50 ýyllygyna taýýarlanýar.

«Le Figaro» gazetiniň habaryna görä, Madridde we Parižde «Pikassonyň ýylyny» guraýjylaryň aýtmagyna görä, dünýäde 42 sergi geçiriler we bu häzirkizaman sungatynyň iň meşhur suratkeşiniň hatyrasyna görlüp-eşidilmedik hormat bolar.

Oktýabrdan başlap geljek ýylyň ahyryna çenli dowam etjek «Pikassonyň ýyly» çärelerine Ýewropanyň we Birleşen Ştatlaryň 38 öňdebaryjy instituty gatnaşar diýip, Ispaniýanyň medeniýet ministri Mikel Iseta Madridde Şa aýaly Sofiýanyň sungat merkezinde suratkeşiň hatyrasyna guralan dabarany açmak bilen aýtdy.

Dürli ýurtlarda guralýan sergiler 1881-nji ýylda Ispaniýanyň Malaga şäherinde doglup, 1973-nji ýylda Fransiýanyň Mužen şäherinde aradan çykan bu suratkeşiň döredijiliginiň ähli tarapyny görkezmäge mümkinçilik berer diýip, Fransiýanyň medeniýet ministri Rima Abdul-Malak belleýär. Onuň aýtmagyna görä, «Pikassonyň ýylynyň» çäklerinde onuň döredijiligine bagyşlanan kollokwiumlar we çekişmeler meýilleşdirilýär.



«Pikassonyň ýylynyň» esasy wakalary Ispaniýada, Fransiýada, ABŞ-da geçiriler, şeýle-de bolsa Belgiýada, Germaniýada, Rumyniýada we Şweýsariýada hem dabaraly çäreler göz öňünde tutulýar.




## 2025-nji ýyla çenli saklanar

**Golaýda «Microsoft» korporasiýasy bir ýyl mundan ozal köpçülige hödürlenen «Windows 11»-iň ilkinji iň uly täzelenmesini köpçülige hödürledi. Şunuň bilen birlikde, korporasiýa «Windows 10»-y 2025-nji ýylyň oktýabr aýyna çenli goldajakdygyny habar berdi.**

**– Biz ozalky ýaly «Windows 10»-a ygrarly, şonuň üçin bu amaly ulgama 2025-nji ýylyň oktýabryna çenli hyzmat etmegimizi dowam etdireris – diýip, «Microsoft»-yň programma önümlerini dolandyryş bölümçesiniň ýolbaşçysy Jon Keýbl aýtdy.**

**Bu ýagdaý ulanyjylaryň «Microsoft»-yň programma platformasynyň täze nusgalaryna geçmäge howlukmagynyň zerur däldigini aňladýar. «Windows 11»-iň kämilleşip, täze amallara eýe bolýandygyna garamazdan, «Windows 10» gowy alternatiwa bolmagynda galýar. Şeýle-de, «Microsoft» «Windows 11»-e mugt täzelenmäniň gutarýan möhletini heniz mälim etmedi. Şundan ugur alsak, «Windows 11»-i mugt ulanmaga ýene birnäçe wagtyň dowamynda geçmek bolar.**

**Belläp geçsek, «Microsoft»-yň «Windows 10»-y 2025-nji ýyla çenli goldamakçydygy baradaky habary garaşylmadyk waka däl, sebäbi kompaniýa bu barada geçen ýyl hem mälim edipdi. Şonda «Windows 10»-a goldawyň 2025-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda tamamlanjakdygy habar berildi. Korporasiýanyň ulanyjylarynyň «Windows 11»-e geçmäge çagyrylýandygyna garamazdan, bu meselede howlukmagyň zerurlygy ýokdur.**

## Afrikanyň iň täsirli üç ýurdunyň biri

Brendleriň bahasyny seljermäge ýöriteleşdirilen britan konsalting kompaniýasy «Brand Finans» ýaňy-ýakynda «Soft Power Index 2022» hasabatyny çap etdi. Hasabata laýyklykda, dünýäde iň täsirli ýumşak güýje eýe bolan Afrika ýurtlarynyň ilkinji üçlügine Müsür, Günorta Afrika Respublikasy we Marokko girdi. Bu ýurtlar, degişlilikde, dünýä sanawynda 31-nji, 34-nji we 46-njy orunda durýar. Ondan soň Nigeriýa (yklymda 4-nji we dünýäde 69-njy), Mawrikiý (5-nji we 71-nji), Ruanda (6-njy we 74-nji), Alžir (7-nji we 75-nji), Tunis (8-nji we 76-njy), Gana (9-njy we 86-njy) ) we Madagaskar (10-njy we 94-nji) gelýär.

Ýyllyk hasabat dünýäniň köp yklymlaryny we sebitlerini öz içine alýan 100-den gowrak ýurtda geçirilen jemgyýetçilik pikir soralyşygyna, şeýle hem hökümetleriň, halkara guramalaryň, kompaniýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleriniň pikirlerine esaslanýar.

Ýumşak güýç düşünjesi – bir döwletiň, halkara gatnaşyklaryna täsir etmek we serişdeler toplumy arkaly öz peýdasyna gönükdirmek ukybydyr. Düşünjäniň awtory amerikaly Jozef Naý. Häzirki wagtda Afrika ýurtlarynyň köpüsi öz abraýyny ýokarlandyrmak üçin tagalla edýärler. Käbirleri üçin bu tagallalar diňe syýahatçylyk ýaly pudaklar bilen çäklenýän bolsa, beýlekiler, tersine, iş ugurlaryny diwersifikasiýa etmäge tagalla edýärler. «Brand Finans»-yň barlaglaryna görä, Afrika ýurtlarynyň täsiri soňky döwürlerde has-da artdy. Şeýle-de bolsa, şu wagta çenli yklymyň hiç bir ýurdy dünýäniň TOP-20 ýurtlarynyň sanawyna girip bilmedi.

Marokko möhüm diplomatik tagallalary, Nigeriýa bolsa, aýdym-saz we kino ýaly döredijilik hem-de medeni pudaklary bilen aýratyn orun eýeleýär. Mawrikiý hem öz gezeginde milli brendi döretmek,



esasan hem, özüniň syýahatçylyk ugurlaryny ilerletmek boýunça köp tagalla edýär. Ýurtlaryň bu tagallalary, tebigy ýagdaýda ýumşak güýç döredip, adadaky döwletler sanawa girizilenden soň, ilkinji gezek dünýäniň TOP-75 derejesine çykardy.

Mundan başga-da, Ruandanyň ösüşinde ýurduň «Ruanda geliň!» atly milli brend kampaniýasy aýratyn ähmiýete eýe bolup, onuň «Pari Sen-Žermen» futbol kluby bilen hyzmatdaşlygyny göz öňünde tutsaň, uly ösüşler göze ilýär. Bu ýagdaý ýurduň yklymda iň ýumşak güýje eýe bolmak ähtimallygyny has-da artdyrýar.

## DÜNÝÄ HABARLARY
### gysga setirlerde

► **Makronyň partiýasy adyny üýtgetdi.** Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron tarapyndan esaslandyrylan «Respublika ýörişde» (LREM) partiýasy öz adyny «Renessans» diýip üýtgetdi. Bu barada Makron partiýanyň gurultaýynda eden çykyşynda mälim etdi.



► **Ýerasty şäher tapyldy.** Türkiýäniň Konýa welaýatynda gurluşyk işleri wagtynda ýerasty şäheriň üstünden baryldy. Maglumatlara görä, ýeriň astynda öz aralarynda ötükler bilen birleşdirilen binalaryň toplumy açyldy. Ol biziň eýýamymyzyň VIII asyry bilen senelenýär.



► **Iki ýyl gerek bolar.** Karl III keşbi ýerleşdirilen täze pullary dolanyşyga goýbermek üçin azyndan iki ýyl gerek bolar. Öň Britaniýanyň banky Şa zenanyň keşbi ýerleşdirilen kagyz we şaýy pullary çalyşmakçydygyny mälim edipdi. Bu diňe Beýik Britaniýa däl, Awstraliýa, Kanada, Täze Zelandiýa, Ýamaýka ýaly onlarça döwlete galtaşar.



► **Nebite bolan isleg artar.** Nebiti eksport ediji ýurtlaryň guramasy (OPEK) 2022-nji we 2023-nji ýyllarda nebite islegiň gije-gündizde degişlilikde, 3,1 million barrel hem-de 2,7 million barrel derejede ösjekdigini çaklady. Bu barada guramanyň nobatdaky aýlyk hasabatynda aýdylýar.




► **Heýkeller gaýtarylyp berildi.** 50 ýyl mundan ozal ABŞ-nyň Getti muzeýine äkidilen «Orfes we Sirenler» atly heýkeller toplumy ýene-de Italiýa gaýdyp geldi. Häzir olar Rimiň sungat muzeýinde mynasyp orunlary eýelediler. Bu heýkelleriň biziň eýýamymyzdan öňki III asyra degişlidigi çak edilýär.



► **131 karatlyk göwher.** Angolanyň demirgazyk-gündogarynda 131 karatlyk ak göwher tapyldy. Gymmatbaha daş Lulo käninden ýüze çykaryldy. Bu magdan käninde «Lukapa» göwher kompaniýasy (Awstraliýa) we «Endiama» ýerli döwlet kärhanasy işleýär.



► **Plastikden piramida gurdular.** Müsüriň Giza şäherinde ekologlar Nil derýasynda ýygnalan plastik galyndylardan uly desga gurdular. Olar şeýle etmek bilen derýanyň suwunyň hapalanýandygyna ünsi çekmek islediler. Desga 400 müň töweregi plastik gapdan ybarat bolup, agramy 7,5 tonna ýetýär.



► **Hindistana getirilen geçigaplaňlar.** Hindistanyň Gwalior ştatyna köpeltmek maksady bilen Namibiýadan sekiz sany geçigaplaň getirildi. Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi ýyrtyjylary Kuno milli seýilgähindäki saklanjak ýerine goýberdi. Bu jandarlar 1952-nji ýylda ýurtda köp awlanmagy netijesinde azalypdy.



► **Öňki athanasy satuwa çykaryldy.** Birnäçe ýyl ozal Britaniýanyň Şa zenany Ýelizaweta II athanasyny satyn alan «Sauthempton» toparynyň öňki futbolçysy Mik Çennon indi ony satmak kararyna geldi. Çennon 25 gektarlyk bu athanany satyp, ýedi million funt gazanmakçy. Athana 1982-1990-njy ýyllar aralygynda Şa zenanyna degişlidi.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1882-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda Amerikanyň Epplton şäherinde (Wiskonsin ştaty) Foks derýasynda dünýäde ilkinji gidroelektrik stansiýasy işe girizildi. Suw çarhy bilen herekete getirilen dinamo-maşyn kuwwaty 12,5 kilowata deň bolan elektrik energiýasyny öndürdi. Bu desga köp jaýlary yşyklandyrdy.**






# Dil bilen dünýäni gezer

**Dil birek-birek bilen özara aragatnaşyk saklamagyň esasy serişdesi bolup, sözleýiş we ýazuw arkaly ýüze çykýar. Häzirki wagtda dünýäde 7 müň töweregi dil bolup, şolaryň 90 göterimden gowragynda 100 müňe golaý adam gepleşýär. Her ýylyň 30-njy sentýabrynda Halkara terjime güni bellenilýär. Gazetimiziň şu sanynda diller baradaky gyzykly maglumatlary size ýetirýäris.**

- Dünýä ilatynyň ýarysy 23 diliň haýsy hem bolsa birinde gepleýär.
- Dünýä ilatynyň ýarysyndan gowragy birden köp dil bilýär.
- Şumer dili miladydan öňki 3500-nji ýyllara degişli iň gadymy ýazuw dilidir, ondan soňra müsür we hytaý dilleri gelýär.
- Papua Täze Gwineýa dünýäde iň köp dilli ýurt hasaplanýar. Ýurtda 841 dil bolup, olaryň käbirine az sanly adam düşünýär.
- Fransuz dili söýgi babatda iň süýji dil hökmünde tanalýar.
- Papua diliniň ýazuwynda 11 harp ulanylyp, iň kiçi elipbiýli dil hasaplanýar.
- Mandarinçe ene dil hökmünde iň köp gepleşilýän dil hasaplanýar. 1,3 milliarddan gowrak ilaty bolan Hytaýyň ýaşaýjylarynyň 70 göteriminden gowragy bu dilde gepleýär.
- Iň köp öwrenilýän dil iňlis dili bolup, dünýä ilatynyň köpüsi ony ikinji dil hökmünde bilýär.
- Dünýäniň iň uzyn elipbiýi bolan kamboja dilinde 73 harp bar. Şeýle hem kamboja dili öwrenmesi kyn dilleriň biridir.
- «Elipbiý» arap diliniň ilkinji harplaryndan emele gelen sözdür. Bu manydaky söz Ýewropa dilleriniň köpüsinde grek diliniň ilkinji harplary bolan «alfa» we «beta»-nyň goşulyp ýazylmagy bilen «Alphabet» görnüşinde döräpdir.
- Dürli ylmy we beýleki maglumatlaryň köpdügi sebäpli iňlis we fransuz dilleri internetde ulanylýan iň meşhur dillerdir. Ylmy maglumatlaryň 80 göterimi iňlis dilinde elýeterlidir.
- Dilleriň köpüsinde aýal-gyzlaryň we erkekleriň leksikasy bar bolsa, nemes dilinde üçünji topar – aýratynlykda oglanlaryň leksikasy hem bar.
- ABŞ-da 300-den gowrak dilde gepleşilýär. Ýurtda iňlis dili ýörgünli hem bolsa, ABŞ-nyň federal derejede bellenen resmi dili ýok. Iňlis dili sözlük düzümi baýlaşýan hem-de ösýän dildir.

## Hem aňsat, hem peýdaly

Pyýada ýöremegiň fiziki we psihologik peýdasy örän uludyr. Ýöremek iň esasy bedenterbiýe maşklarynyň biri bolup, ony islendik ýaşdaky adam ýerine ýetirip bilýär. Ýörelen wagtynda adamyň çydamlylygy we myşsalarynyň ösüşi ýokarlanýar. Bilermenleriň bellemegine görä, oturylyp işlenýän gündelik durmuş ýörelgesine uýgunlaşan adamlarda myşsalaryň gowşaklygy, sussupeslik hem-de aşa semremeklik ýüze çykýar. Şol sebäpli her gün agşamyna azyndan 30 minut ýöremek maslahat berilýär.

Yzygiderli ýörelende gan aýlanyşy kadalaşýar, bedeniň deňagramlylygy sazlanýar hem-de kadaly agram derejesine gelinýär. Mundan başga-da, ýöremegiň çalt pikirlenip bir netijä gelmäge, sussupesligi azaltmaga uly ähmiýeti bardyr. Şeýle hem ýöremegiň iýmiti siňdirmäge kömegi degýär. Sport meýdançalary bilen bir hatarda, howa şertlerine laýyklykda gezelenç maksatly seýilgählerde, tokaýlarda we şäheriň owadan künjeklerinde pyýada ýöremek örän peýdalydyr.





# DÜNÝÄDÄKI IŇ OWADAN OBALAR



**Ýer ýüzünde «esasy önüm öndürijileriň» mekany bolan obalaryň geografik ýerleşişi, tebigaty we binagärlik aýratynlyklary taýdan biri-birinden tapawutlanýan, fauna, flora dünýäsi bilen görenleri haýran edýän birnäçesi bar. 2021-nji ýyldaky maglumatlara görä, dünýä ilatynyň 3,42 milliardy obada ýaşaýar. Biz hem dünýäniň iň owadan obalary baradaky gyzykly maglumatlary size ýetirmegi makul bildik.**

**Iwoire (Fransiýa).** Ženewa kölüniň fransuz kenarynda ýerleşýän Iwoire Fransiýanyň gülläp ösýän iň owadan obasydyr. Obadaky binagärlik gurluşlary orta asyra degişli bolup, ykjam we örän owadan gurlupdyr. Güller bilen bezelen dar köçeler, reňkli dükanlar, balyklaryň «tans edýän» kölleri Iwoireniň ajaýyp ýerleridir. Mundan başga-da, obada syýahatçylar üçin 5 myhmanhana bina edilipdir. Obanyň ilaty gülden edilen bezegleri hem-de sowgatlyklary ýasamak bilen meşgullanýar. Ýeri gelende bellesek, Iwoire orta asyr durmuşynyň däplerini saklap galan Fransiýanyň iň gadymy obalarynyň biridir.







**Kua Wan (Wýetnam).** Wýetnamyň Kua Wan obasy Ha Long aýlagynyň gaýalary bilen gurşalan suw üstündäki obadyr. Bu ýeriň meşhur «Awatar» filminiň surata düşürilmeginde hyýaly tebigat bolup hyzmat edendigi aýdylýar. Syýahatçylaryň we balykçylaryň iň gelim-gidimli ýerleriniň biri bolan bu obada kiçijik jaýlar, naharhanalar hem-de mekdep bar. Oba mekdebine çagalar gaýykly gatnaýarlar. Bu ýer, hakykatdan-da, gaýtalanmajak özboluşlylyga eýe.









**Wengen (Şweýsariýa).** Alp daglarynyň eteginde ýerleşýän Wengen obasynda müňden gowrak adam ýaşaýar. Bu oba Şweýsariýanyň meşhur ýerleriniň biri bolup, islendik möwsümde syýahatçylara duş gelmek bolýar. Wengen suw şypahanasy, asma ýoly, lyža ýaryşlary, gurjak teatrlary hem-de «Mendelssohn» aýdym-saz hepdeligi bilen meşhurdyr. Arassa dag howasynyň hapalanmazlygy üçin bu ýerde ulag sürmek gadagan.

**Bilberi (Angliýa).** Glýuester şäheriniň Bilberi obasy dünýäniň iň owadan obalarynyň biri bolup, XVII asyrda bina edilen jaýlary, «Bilberi bahary», goňur alabasy (balygyň bir görnüşi) bilen görenleri haýran galdyrýar. Obanyň töwereginde jülgeler bilen utgaşyp gidýän depeler hem bar. Köln derýasynyň akyp geçýän bu obasy Angliýa gelýän syýahatçylar üçin iň gowy ýerleriň biri hasaplanýar. Derýanyň üstünde birnäçe daş we agaç köprüler bolup, balyklary, ördekleri hem-de derýa ýakasyndaky agaçlary synlamaga mümkinçilik berýär.

**Şirakawa-go (Ýaponiýa).** Ýaponiýanyň Sokawa derýasynyň kenarynda ýerleşýän Şirakawa-go obasynyň daş-töweregini tokaýlaryň gurşap alandygy hem-de üstüni bulutlaryň örtüp durandygy sebäpli, ozallar bu oba kartada görkezilmeýärdi. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi bilen bu obanyň meşhurlygy artyp başlaýar. Soňky ýyllarda obada abadanlaşdyryş işleri alnyp barylýar, ýollar çekilýär. Häzirki wagtda jahankeşdeler Şirakawa-go obasyna awtobusly gezelenç edýärler. Obanyň esasy aýratynlygy – ot bilen örtülen ýapgyt üçekli jaýlardyr. Mundan başga-da, Syo derýasynyň üstünden geçýän asma köpri syýahatçylaryň iň köp barýan ýerleriniň biridir.

**Githorn (Niderlandlar).** Githorn obasyna başgaça «Gollandiýanyň Wenesiýasy» hem diýilýär. Sebäbi obada diňe suw ulagy hereket edýär. 7,5 kilometr uzynlykdaky kanalda gije-gündiziň dowamynda oba ýaşaýjylarynyň gaýykly gatnawlarynyň yzy üzülmeýär. Githorn obasy 1230-njy ýylda esaslandyrylýar. 1958-nji ýylda niderland režissýory Bert Haanstra tarapyndan «Fanfare» atly meşhur komediýanyň düşürilmegi bilen Githorn obasy meşhur bolýar. Häzirki wagtda bu ýere gelýän syýahatçylaryň sany ýyl-ýyldan köpelýär.

**Oia (Gresiýa).** Santorini wulkan adasyndaky bu oba dünýäniň iň romantik ýerleriniň biridir. Depä çykylýan egrem-bugram ýollary bolan Oia gök gümmezli ak jaýlary bilen tebigata gelşik berýär. Ýokardan deňzi we adanyň gözelliklerini synlap bolýar. Bu ýer aşyklaryň iň köp syýahat edýän ýerleriniň biridir.

# ÇAGALAR

Hem gury ýerde, hem suwda ýaşaýan iň uly süýdemdirijileriň biri bolan begemotyň agramy 1 tonnadan 4,5 tonna çenli ýetýär. Olar sagatda 15 kilometr tizlikde hereket edip bilýärler.



## SUWDA ÝAŞASA-DA ýüzüp bilmeýän jandar

**Haýwanat dünýäsi täsinliklere baý bolup, ondaky jan-ly-jandarlaryň käbiriniň özüne mahsus aýratynlyklary bar. Mysal üçin, göräýmäge suwda ýaşaýan jandarlaryň ählisi ýüzüp bilýän ýaly, ýöne muny başarmaýanlaram bar. Bularyň hatarynda begemoty görkezmek bolar.**

Begemotyň ýüzüp bilmeýändigine adaty ýagdaýda ynanmak kyn. Sebäbi ol suwda ýaşaýar, haçan görseň suwuň içinde gezip ýör. Olaryň ýaşaýan ýerlerem ýalpak suwlar (batgalyk) hasaplanýar. Ýöne muňa garamazdan begemot hakykatdan hem ýüzüp bilenok. Olar kölde ýada deňizde suwuň düýbünden ýöräp gidýärler. Birnäçe minutlap suwuň aşagynda demini saklap ýene-de ýöräp kenara gaýdyp gelýärler. Kähalatda suwuň ýüzüne çykyp, ýeliň ugruna akyp, kenara hem dolanýan begemotlaryň bu hereketi bize edil ýüzýän ýaly bolup görünýär.

Hem gury ýerde, hem suwda ýaşaýan iň uly süýdemdirijileriň biri bolan begemotyň agramy 1 tonnadan 4,5 tonna çenli ýetýär. Sagatda 15 kilometr tizlik bilen hereket edip bilýän begemotlar gündizine suwda dynç alyp, gijesine iýmitlenmek üçin 6 sagat töweregi gury ýere çykýarlar. Olaryň esasy iýmiti gamyş, ownuk baldakly otlar, käbir ösümlikleriň süýji kökleri, miweler bolup, käwagt et hem iýýärler. Gündelik iýmit mukdary 13-68 kilogram aralygynda bolup, iýmiti çeýnemän, agzynda saklap ýumşadýarlar we ýuwudýarlar. Olaryň ösen ys alşy we eşidiş ukyby bolup, kiçijik gulagy hatda ýere gaçýan miweleriň sesini eşitmäge mümkinçilik berýär. Gündizine suwda ýaşamagynyň esasy sebäpleri: iýen iýmitini siňdirmek we Gün şöhlesinden goranmakdyr.

Esasy mekany Afrika sebiti bolan begemotlaryň iki görnüşi: uly we kiçi görnüşi bar. Dünýäde pillerden we ak kerklerden soň, iň uly üçünji süýdemdiriji hasaplanýan bu jandarlar ýaşaýan ýerini berk gorap, ýokary gözegçilikde saklaýarlar. Nätanyş jandarlary öz arasyna eltmeýän begemotlar howply hasaplanýar.

### Begemot barada täsin maglumatlar:

- Begemotyň kellesi gaty uly bolup, umumy agramynyň 35%-ini düzýär. Olar agzyny 150 derejede açyp bilýärler.
- Begemotlar günde 16 sagatlap suwuň içinde bolýarlar, şol sebäpli olar derlemeýärler. Şeýle-de olar suwuň içinde uklap hem bilýärler.
- Begemotlar suwuň aşagynda 5 minut saklanýarlar. 4-5 minut suwuň ýüzüne dem almak üçin çykyp, ýene-de suwuň düýbüne çümýärler.
- Begemotlar bir gijede azyndan 27 kilogram ot iýýärler.
- Filippinleriň Manila haýwanat bagynda saklanan begemot 65 ýyl ýaşady. Begemotlaryň ortaça ömri 40-50 ýyldyr.
- Dünýä medeniýetinde begemotlara uly üns berilýär. Mysal üçin, belgiýaly meşhur suratkeş Piter Pol Rubensiň «Begemot we krokodil awy» atly meşhur kartinasy bar. Begemot multfilmlerde hem dürli keşplerde: «Disney»-iň «Fantasia» multfilminde balerinanyň, «Madagaskar» multfilminde Gloriýanyň, «Gýugo we Gippo» multfilminde Gýugonyň, «Dur, bakaly!» multfilminde şäher ýaşaýjysynyň keşbinde görkezilýär.



## KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?




**Şampun. Jemgyýetde irki döwürlerden başlap şahsy arassaçylyk işlerine uly üns berlipdir. Adamyň üst-başynyň arassa bolmagy, arassaçylyk düzgünleriniň berjaý edilmegi iň esasy zatlaryň hatarynda goýlupdyr. Eýsem, entek sabyn-şampunyň oýlanyp tapylmadyk mahalynda nämelerden peýdalanyldyka?!**

Taryhy maglumatlarda ilkinji arassaçylyk serişdeleriniň Hindistanda ulanylandygy bellenilýär. Olar dürli ösümlikleriň gaýnadylan suwuny şampun hökmünde, «sabyn agajy» atly tropik agajyň miwesini sabyn hökmünde peýdalanypdyrlar. Mundan başga-da, otlaryň, gülleriň gaýnadylan suwuna saçlaryny ýuwupdyrlar. Bu serişdeler saçyň ýumşak we ýalpyldawuk bolmagyna kömek edipdir. Hindi söwdagärleriniň Ýewropa aralaşmagy bilen tebigy saç ýuwujy serişdeler köp ýurda ýaýrap başlaýar. Aziýada ilkinji şampun hökmünde başýuwlukdan (çekizäniň suwy), tüwi ýuwlan suwdan, sazagyň külünden peýdalanylandygy barada maglumatlar bar. Ýewropada şampun hökmünde gaýnadylan sabyn köpürjikleri ulanylypdyr. Ýer ýüzünde 1903-nji ýyla çenli saç ýuwmagyň birnäçe usullary peýdalanylýar. Geliň, indi soňky ýüz ýyla ünsi çekeliň!

1904-nji ýylda Berlinde nemes oýlap tapyjysy Hans Şwarzkopf lawanda gülüniň tozy bilen suwuk sabyny garmak arkaly şampunyň ilkinji nusgasyny oýlap tapýar. Şondan soň «saçy arassalamakda» ilkinji şampun ulanylyp başlanýar. Hans Şwarzkopfyň aýaly Marta Şwarzkopf 1927-nji ýylda «Schwarzkopf» ady bilen saç-barlag merkezini döredýär. Şol ýyl bu merkez düzüminde sabyn bolmadyk ilkinji suwuk şampun öndürýär. Ol Ýewropada «Schwarzkopf» ady bilen köp satyn alnan, uly gyzyklanma bildirilen meşhur brendleriň biri bolýar.

1930-njy ýyllarda «Procter & Gamble» (P&G) kompaniýasynyň hünärmenleri ilkinji sintetik şampuny hödürleýärler. Bu saç üçin iň gowy oýlap tapyşlaryň biri bolup, häzirki zaman suwuk şampunlaryň öndürilmeginiň esasyny döredýär. Bu şampun müşderileriň göwnünden turup, saç kökleri üçin peýdaly hasaplanýar. Ondan soň kompaniýanyň hünärmenleri suwuk şampunlary gaplamagyň täzeçe görnüşlerini oýlap tapýarlar. 1987-nji ýylda P&G kompaniýasy ilkinji «2-si 1-inde serginlediji şampuny» hödürleýärler.

Şampun saçy arassalamak üçin ulanylýan suwuklyk görnüşindäki önümdir. Ol çygly saça sürtmek, köpürjikledip ýuwmak arkaly saçdaky sebumyň (ýagly madda bölüp çykarýan ekzokrin) islenmeýän mukdaryny aýyrmak üçin ulanylýar. Şampun natriý lauril sulfaty bilen suwda kokamidopropil betaini birleşdirmek arkaly ýasalýar. Sulfatyň düzümi sabyna meňzeş bolup, hapalaýjy maddalary özüne çekýär.

Häzirki wagtda şampun senagatda iň köp öndürilýän harytlaryň biri bolup, onuň kepekli saçlar, ýagly saçlar, gaty saçlar hem-de çagalar üçin niýetlenen (gözi ýaşartmaýan) birnäçe görnüşi bar.

## Uzakdan dolandyrylýan iň kiçi robot



**Alymlar lazer bilen dolandyrylýan iň kiçi roboty oýlap tapdylar. Olar kiçijik robotlaryň gaty dar ýerlerde tehniki işleri ýerine ýetirmäge mümkinçilik berjekdigini belleýärler. Gabyk ýalyjak sekiz aýakly, iki gysgyçly robotyň daşky görnüşi leňňeje meňzeş bolup, ini ýarym millimetr töweregidir. Onuň aýaklaryna kauçuk bölejikleri berkidilip, bu onuň aýak üstünde durmagyny üpjün edýär. Roboty gyzdyrmak arkaly herekete getirip bolýar. Alymlar kiçijik robotyň ýöräp, öwrüm edip, böküp, hatda bir zady süýräp hem biljekdigini aýdýarlar. Onuň hereketi haýal bolup, 1 santimetri geçmegi üçin 20 sekunt töweregi wagt gerek. Oýlap tapyjylar bu robotyň tehnologiýa senagatynda hem-de lukmançylyk ulgamynda uly işleri ýerine ýetirip biljekdigini aýdýarlar.**





**5 tapawudy tapyň!**



### Labirint



### Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 2 | 4 | | | 6 |
| | 6 | | | 3 | 4 |
| 5 | | | 6 | | |
| 6 | | 1 | 5 | | 3 |
| 2 | | 3 | | | |
| | | | | 1 | |

### Binox

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| O | O | | X | | |
| | | | | | O |
| | O | | X | X | |
| | O | O | | | |
| | | | | O | |
| X | | O | O | | |



# Şu ýyl Nobeliň edebiýat baýragyny kim alar?

2022-nji ýylyň edebiýat boýunça Nobel baýragynyň eýesi 6-njy oktýabrda mälim ediler. Bukmeýkerleriň pikiriçe fransuz ýazyjysy Mişel Welbek bu baýraga esasy dalaşgärdir. Bu barada «Nicerodds» web saýtynda habar berilýär. Welbekiň ýeňiş gazanmak ähtimallygy uly bolup, iň öňdäki orny eýeleýär.

Şunuň ýaly sanawlarda uzak wagtlap öňdäki orunlary alyp gelýän 84 ýaşly keniýaly ýazyjy Ngugi Wa Thiongo ikinji orny we 21-nji sentýabrda 75 ýaşyny bellän dünýä belli «elhençlikleriň ägirdi» Stiwen King üçünji orny eýeleýär. Neşirýatçylaryň pikiriçe, bu baýraga dalaş edýänleriň arasynda ýaponiýaly ýazyjysy Haruki Murakami, kanadaly ýazyjy Margaret Etwud we beýlekiler bar.

Ilkinji topara girenleriň arasynda Mişel Welbek, Ngugi Wa Thiongo, Stiwen King, Anni Erno, Gariel Luts, Pýer Mişon, Robert Kuwer, Haruki Murakami, Enn Karson, Elen Sigsu, Jamaýka Kinkeýd, Ýun Fosse, Lýudmila Uliskaýa, Margaret Etwud, Mariz Konde, Mirça Kerteresku, Peter Nadaş, Ryşard Kryniskiý we Don Delillo bar.

Geçen ýylyň edebiýat boýunça Nobel baýragyna tanzaniýaly ýazyjy Abdulrazak Gurna mynasyp boldy. Gurna bu baýraga medeniýetleriň we yklymlaryň arasyndaky tapawutda bosgunlaryň ykbalyna rehimli dünýägaraýşy üçin eýe boldy. Geňeş ýazyjynyň romanlarynyň Gündogar Afrikanyň baý medeniýeti barada giň düşünje berýändigini belledi. 1948-nji ýylda Zanzibarda arap asylly musulman maşgalasynda dünýä inen Gurna 1968-nji ýylda Beýik Britaniýa göçüp, okuwyny dowam etdirýär. Ol Kent uniwersitetiniň iňlis dili kafedrasynyň professory bolup, Afrika edebiýaty barada iki jiltlik eserler ýygyndysynyň jogapkär redaktorydyr.

# Tolstoýyň doglan gününiň 200 ýyllygy bellener

**Russiýa Federasiýasynyň Premýer-ministri Mihail Mişustin beýik rus ýazyjysy Lew Tolstoýyň 2028-nji ýylda doglan gününiň 200 ýyllygyny bellemäge taýýarlyk görmek we geçirmek boýunça guramaçylyk komitetini döretmek baradaky karara gol çekdi. Guramaçylyk komitetine Prezident administrasiýasynyň başlygy Anton Waino ýolbaşçylyk eder. Degişli resminama kanuny maglumatlaryň resmi portalynda çap edildi.**

Milli we dünýä medeniýetine ägirt uly goşant goşan rus ýazyjysy, filosofy Lew Tolstoý 1828-nji ýylyň 28-nji awgustynda Tula guberniýasyndaky Ýasnaýa Polýana diýen ýerde baý aristokrat maşgalada dünýä inýär. Ol Kazan uniwersitetinde okaýar, ýöne soňlugy bilen ony taşlamaly bolýar. 23 ýaşynda «Çagalyk», «Ýetginjeklik» we «Ýaşlyk» ýaly awtobiografik trilogiýalaryny ýazýar. Artilleriýanyň serkerdesi bolan Tolstoý harby wezipesini tamamlandan soňra, Sankt-Peterburga gidýär. Onuň «Sowremennik»



žurnalynda çap etdiren «Sewastopol hekaýalarynda» ýazyjylyk ukyby bütin aýdyňlygy bilen ýüze çykýar. Tolstoý 1857-nji ýylda Ýewropa syýahata gidýär.

Ol 1853-nji ýyldan 1863-nji ýyla çenli aralykda «Kazaklar» atly powestini ýazyp bolandan soňra edebiýat işini bes edip, mülkdar bolmagy we obada aň-bilim işleri bilen meşgul bolmagy ýüregine düwýär. Ol şu maksat bilen Ýasnaýa Polýana gelýär we daýhanlaryň çagalary üçin mekdep açyp, özüniň şahsy tälim beriş ulgamyny döredýär.

Ýazyjy 1863-1869-njy ýyllarda «Uruş we parahatçylyk» atly uly romanyny, 1873-1877-nji ýyllarda «Anna Karenina» romanyny ýazýar. Şu ýyllarda ýazyjynyň dünýägaraýşy bütinleý kämilleşip, onuň «Toba», «Meniň ynamym näme?», «Kreýseriň sonaty» ýaly eserlerinde durmuşyň düýpli meseleleri gozgalýar. Onuň taglymaty dini-pelsepewi eserlerinde beýan edilip, adamyň ahlak kämilligi, şere we betniýetlilige garşy esasy daýanç hökmünde görkezilýär. Soňra ýazyjynyň «Tümlügiň hökmürowanlygy», «Aň-bilimiň miweleri» ýaly durmuşyň kanunlary hakynda öwüt-nesihat berýän hekaýalar tapgyry çapdan çykýar.

Ýasnaýa Polýana bütin dünýäden we ýurduň ähli künjeklerinden ýazyjynyň döredijiligine hormat goýýanlar we oňa ruhy halypa hökmünde garaýanlar gelip ugraýar. 1899-njy ýylda onuň «Janlanma» atly romany çap edilýär. «Ata Sergiý», «Baldan soňra», «Goja Fýodor Kuzmiçiň ýazgylary» we «Diri meýit» dramasy ýazyjynyň iň soňky eserleridir.

Tolstoýyň ýüreginden syzylyp çykan eserlerinde özüniň ruhy dramasy hem beýan edilip, jemgyýetiň öňünde durmuşyň hakyky manysy çarpaýa galýar. Ol 1910-njy ýylyň 28-nji oktýabrynda Ýasnaýa Polýanany taşlap gidýär, ýolda barýarka kesellap, otludan düşýär we Astapowodaky Rýazan-Ural demir ýol stansiýasynda galmaga mejbur bolýar. Ol bu ýerde stansiýanyň başlygynyň öýünde ömrüniň iň soňky hepdesini geçirip, 1910-njy ýylyň 7-nji noýabrynda aradan çykýar.

# Beýik Britaniýanyň Şa zenany barada kitaplar

Beýik Britaniýanyň Şa zenany Ýelizaweta II keşbi köp sanly kitaplaryň sahypalarynda öz beýanyny tapdy. Ol baradaky terjimehal we çeper eserleriň sanawyny size ýetirýäris.

Tutuş bir eýýam taryhda galdy: 2022-nji ýylyň 8-nji sentýabrynda Beýik Britaniýanyň Şa zenany Ýelizaweta II 97 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Bütin dünýä beýik taryhy şahsyýetiň aradan çykmagyna gynanç bildirdi. Indi köpler onuň nähili gowy ynsan bolandygy barada ýatlaýarlar. Eýsem, Beýik Britaniýanyň Şa zenany nähili ynsandy? Onuň geçen hakyky durmuş ýoly hakynda bilmäge diňe ol barada ýazylan kitaplar kömek edip biler. Bu ýerde üýtgeşik zenanyň ykbaly barada gürrüň berýän terjimehal eserleriň we çeper romanlaryň iň esasylary jemlendi.

Ýelizaweta II 70 ýyl tagtda bolanda diňe bir Beýik Britaniýanyň ilatynyň däl, eýsem, bütin adamzadyň söýgüsini gazandy. Onuň durmuşy köp sanly terjimehal düzüjiler üçin ylham çeşmesine öwrüldi. Onuň keşbi filmlerde we teleýaýlymlarda, proza we poeziýada öz beýanyny



tapdy. Taryhçylardan başlap, režissýorlara çenli hemmeler öz döreden Ýelizawetasynyň tarypyny etdiler. Şeýlelik bilen, Şa zenan hakda aşakdaky terjimehal eserleri döredildi:

«Ýelizaweta II Beýik Britaniýanyň Şa zenany» – Mariýa Erton, «Şa zenan sözleýär. Şa zenanyň portreti» – Ingrid Sýuard, «Ýelizaweta II. Dünýäniň Şa zenany. Monarh we döwlet işgäri» – Robert Hardman, «Beýik Britaniýanyň Şa zenany Ýelizaweta II. Häzirki zaman iňlis monarhiýasyna garaýyş» – Arina Polýakowa, «Ýelizaweta II. Terjimehal» – Kerol Erikson.

Çeper romanlar hakda durup geçsek, Ýelizawetanyň keşbi aşakdaky eserlerde öz beýanyny tapdy: «Guwernantka» – Wendi Holden, «Şa zenan we biz» – Sýu Townsend, «Windzor düwni» – S. J. Bennet, «Kyn okyjy» – Alan Bennet, «Şa zenanyň lybasy» – Jennifer Robson.

Bu eserleriň içinde aýratyn hem iki kitap öňe çykarylýar. Olaryň birinjisi Anne Glenkonneriň «Freýlina» eseri bolup, bu kitapda Şa zenanyň köşk hyzmatçylarynyň biriniň ýatlamalary jemlenipdir. Ikinji neşir Stiwen Klarkyň «Şa zenanyň ýylgyryşy» eseri bolup, bu kitapda onuň başyndan geçiren täsin wakalary, degişmeleri barada gürrüň berilýär.

# Paýhaslar

☑ Durmuşyňyz bir boluşly ýaly görünsede, edýän işleriňiziň beýleki adamlar üçin hakyky gymmatlykdygyny we möhümdigini ýadyňyzdan çykarmaň!

☑ Şu günki günüň çagalary ertirki dünýäni has gowy we bagtly mekana öwürmelidirler.

*Ýelizaweta II.*

☑ Dünýäde adamlar üçin iň bolmanda bir damja ýagşylyk etmekden has gowy duýgy ýokdur.

☑ Durmuşyň manysynyň iň gysga beýany şeýle bolup biler: dünýä hereket edýär we kämilleşýär. Esasy wezipe bu herekete goşant goşmak we hyzmatdaşlyk etmekdir.

☑ Her kim dünýäni üýtgetmegi arzuw edýär, ýöne hiç kim özüni üýtgetmegi maksat edinmeýär.

*Lew Tolstoý.*

☑ Parahatçylyk, bagt, adamlaryň doganlygy – ine bu dünýäde bize gerek iň esasy zat.

*Mark Twen.*

☑ Parahatçylyk – adamlaryň bu durmuşda isleýän iň ýokary eşretidir.

*Migel de Serwantes.*

☑ Eger-de biz bütin dünýäde parahatçylyk gazanmak islesek, ony çagalarymyzdan başlamaly.

*Mahatma Gandi.*

☑ Dünýäde hiç kim bütinleý kämil bolup dünýä inmeýär, ýöne onuň bütin ömri hemişe hereket edýän ösüşden, üznüksiz kämilleşmekden başga bir zat däldir.

*W. G. Belinskiý.*

☑ Adamlar bilen agzybirlikde ýaşamak üçin ilki özüň bilen ylalaşykda ýaşamaly.

*Harper Li.*

☑ Adam haçan-da adam bolmaga tagalla edende adam bolýar.

*Aleksandr Gelman.*

☑ Adam üçin dünýäde adamlardan başga has gyzykly zat ýok.

*Wilgelm Gumboldt.*

☑ Adamyň maksady ýagşylyk etmekdir.

*Wladimir Dal.*

☑ Durmuşa iň sagdyn jogap şatlykdyr.

*Dipak Çopra.*

**Oguljan MÄMMEDOWA,**
*Büzmeýin kitaphana şahamçasynyň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*




**3 HARPLY:** alo, mal, set, era, ata, aga, ast, BMG, eda.
**4 HARPLY:** Bern, zirk, çäge, jilt, gram, real, käte, iýul, düýe, adyl, reňk, raks.
**5 HARPLY:** kekeç, ralli, topar, omlet, Ülker, dürbi, Hytaý, tango, etene, pasyl, akrap, rabat, ýagyş.
**6 HARPLY:** nesibe.
**7 HARPLY:** Gülzada, Niagara, binagär, pasport, Aknabat, Belgiýa, akwarel, ahwalat, benewşe, epopeýa, aýpalta, birnäçe.

## SÖZ GOÝMAK

**Gunça UZBEKOWA,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

13-nji skanwordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| O | J | A | R | L | Y | K | | P | | A | | A |
| | | Ş | | | N | | P | E | Ý | K | A | L |
| M | A | G | A | D | A | N | | Ý | | I | B | A |
| | | A | | O | M | U | R | D | A | N | | K |
| Y | K | B | A | L | | R | | A | T | A | | A |
| Z | | A | | Y | Ş | Y | K | | L | | N | |
| G | U | T | | | A | | A | T | A | N | A | K |
| Y | | | H | U | M | | P | | Z | A | R | Y |
| T | A | R | A | | U | R | A | N | | M | | R |
| | L | | N | | | A | S | A | L | | I | K |
| H | A | T | A | R | | K | | R | | | Ş | |
| O | | O | | A | K | S | A | | E | Ş | E | K |
| K | A | N | A | D | A | | G | | Ý | A | W | A |
| G | | N | | I | N | E | R | | E | M | Ü | M |
| A | | A | Z | O | T | | A | K | R | | R | A |

43-nji krosswordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| B | A | H | Y | L | | S | A | Ý | A | W | A | N | | M | A | Ý | O | N | E | Z |
| U | | Ü | | A | | P | | Ö | | A | | O | | O | | A | | E | | A |
| T | O | W | A | K | G | A | | N | Ä | G | E | H | A | N | | R | E | S | U | L |
| H | | D | | A | | R | | E | | T | | U | | A | R | T | | I | | Y |
| A | R | I | F | M | E | T | I | K | A | | A | T | Y | R | | Y | L | H | A | M |
| N | | | U | | | A | | E | | B | | | | H | | | | A | | |
| A | D | A | T | Ç | A | | A | Ý | T | E | R | E | K | | E | B | E | T | E | Ý |
| | | Ý | | E | | A | | | | L | | P | | K | | A | | | | O |
| G | Y | B | A | T | | D | E | F | A | K | T | O | | A | K | B | A | L | Y | K |
| Ö | | Ö | | I | | W | | E | | I | | P | | K | | A | | E | | A |
| Z | Ü | L | P | | Ç | O | M | R | Y | | L | E | B | A | P | | A | K | A | R |
| L | | E | | O | | K | | G | | D | | Ý | | B | | P | | L | | D |
| E | S | K | A | D | R | A | | A | T | A | K | A | M | A | | O | P | E | R | A |
| M | | | | D | | T | | N | | Ý | | | | Ý | | L | | K | | |
| E | N | E | J | A | N | | K | A | R | Z | D | A | R | | D | O | M | I | N | O |
| | | P | | | | T | | | | A | | K | | M | | | A | | | W |
| E | M | I | N | E | | E | L | E | K | | A | L | L | E | G | O | R | I | Ý | A |
| R | | G | | N | A | L | | R | | Ö | | A | | S | | R | | N | | R |
| T | Ü | R | R | E | | W | A | T | I | K | A | N | | G | A | T | A | K | A | R |
| I | | A | | K | | A | | A | | Ü | | A | | E | | A | | Ä | | A |
| R | E | F | L | E | K | S | | N | Ä | Z | E | N | I | N | | K | E | R | I | M |



● **DIKLIGINE:** **1.** Göz-.... **2.** Ýeriň hemrasy. **3.** Hemişeki ýaly. **4.** «Galan işe ... ýagar» (nakyl). **5.** Iş adyny ýasaýan goşulma -.../-mek. **6.** Kakaň kakasy. **7.** Çalt, basym. **8.** Ak-gara sapakdan işilen ýüp. **9.** Reňk. **10.** Pygamberleriň biri. **14.** Bilimli, parasatly. **15.** «... ýaşda bolmaz, başda bolar» (nakyl). **18.** Oňurgasyz suw jandarlarynyň aglabasynyň beden örtügi. **21.** Ýurdumyzda bir etrap. **22.** Beg, soltan. **23.** Güman edilýän pikir, çen-.... **25.** Gereginden artyk. **27.** «... eýesiniň gözünden suw içer» (nakyl). **28.** Arzuw, alkyş edilende ulanylýan söz. **30.** Barmaklaryň ujundaky buýnuz örtük. **31.** At esbaby. **33.** Gurluşyk guraly. **35.** Deňiz jandary. **37.** Rysgal, mal-mülk. **40.** Ümlük. **43.** Nota. **47.** Halkara gurama. **49.** ...-boýa. **51.** Mör-möjegiň bir görnüşi. **53.** Teňňe, köpük. **55.** ...-haşam. **57.** Türkmen milli nahary. **58.** Geçi. **59.** Gemriji jandar. **63.** «... başy dumansyz bolmaz, är başy – hyýalsyz» (nakyl). **65.** Öý, jaý. **66.** Başarjaň, ugurtapyjy. **67.** Oglan ady. **68.** Meşhur multfilm «... we Jerri». **69.** Senagatyň himiýa we beýleki pudaklarynda ulanylýan ýumşak ak daş. **71.** Patyşa, hökümdar. **75.** Baglaýjy kömekçi.

● **KESELIGINE:** **1.** Türkmen sährasy. **6.** «... – tapar» (nakyl). **11.** Gurply, barjamly. **12.** Wagt-orun düşümiň goşulmasy. **13.** Gadymdan gelýän ýörelge, urp-..... **16.** «... oňlasa, atyňy soý» (atalar sözi). **17.** Geometrik figura. **18.** Basyşyň ölçeg birligi. **19.** Ýurdumyzda bir etrap. **20.** Arap elipbiýiniň bir harpy. **22.** Birine bir zat barada habar bermek üçin iberilýän ýazgy. **24.** Nýu-Ýork şäheriniň gysga aňladylyşy. **26.** Okara, gap. **28.** Ýiti agyryly, azarly. **29.** Ýurdumyzda çap edilýän neşirleriň biri. **32.** Kaktusyň bir görnüşi. **34.** Ýeňiş düşümiň goşulmasy -.../-ni. **35.** «Bulut» sözüniň iňlisçesi. **36.** Ýaş, solmadyk. **38.** Türk pul birliginiň gysga belgisi. **39.** «... almankaň eýer al» (nakyl). **41.** Takyr ýerlerde suw ýygnanýan oý ýer. **42.** Agyry, ynjy. **43.** Işligiň şert şekiliniň goşulmasy. **44.** Ümlük. **45.** Sorag çalyşmasy. **46.** Sap ganly, garnuwsyz. **47.** Görkezme çalyşmasy. **48.** «Çaý» sözüniň iňlisçesi. **50.** Amerikaly meşhur aktýor ... Norris. **52.** «Myhmanyň öňüne ... goý, iki elini boş goý» (nakyl). **54.** Dogry, dürs. **56.** Dik durup sürülýän iki tigirli ulag. **59.** Magtymguly Pyragynyň kakasy. **60.** Gaýgy-.... **61.** Ýoklugy aňladýan baglaýjy kömekçi. **62.** Palçyk. **64.** Boý, syrat. **66.** «... ýokdur söhbetine, sazyna, dünýe bahasyzdyr, aýan görüner» (Magtymguly). **68.** Saz guraly. **70.** Alys, uzak. **72.** Las-Wegas şäheriniň gysga aňladylyşy **73.** Atyň toýnagyna kakylýan ýarym aýlawly demir. **74.** ...-ýaý. **75.** Şemal, harasat. **76.** Ýagşy, oňat. **77.** Somsa, manty taýýarlanýan otuň bir görnüşi.

## 44-nji KROSSWORD

**Jemal AMINOWA,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

*Dünýä Kubogynyň taryhyndan*

# Braziliýanyň ýygyndysy 4-nji gezek çempion bolýar

FIFA 1994-nji ýylda XV Dünýä çempionatynyň ABŞ-da geçiriljekdigi barada 1988-nji ýylda mälim edýär. Şonda Amerikanyň Birleşen Ştatlary Marokko we Braziliýadan köp ses alyp, ilkinji gezek bu ýaryşy guramaga hukuk gazanýar. Çempionatdan öň köpler ABŞ-da geçiriljek ýaryşa az janköýeriň geljekdigi baradaky beýanatlar bilen çykyş edýär. Munuň esasy sebäbi sportuň şu görnüşiniň bu döwletde o diýen ýörgünli däldigi bilen düşündirilýär. Ýöne çempionatdan soň, munuň gaty bir beýle däldigine-de göz ýetirilýär we bu ýaryş iň köp tomaşaçyly çempionat hökmünde taryha girýär.

Saýlama oýunlaryna 147 ýygyndy gatnaşyp, olaryň 22-si final tapgyrynda çykyş etmäge hukuk gazanýar. Argentinanyň ýygyndysy ABŞ-daky Dünýä Kubogyna gatnaşan iň soňky ýygyndy bolýar. Gresiýanyň, Nigeriýanyň hem-de Saud Arabystanynyň ýygyndylary ilkinji gezek gatnaşsa, Russiýa täze ady bilen birinji sapar çykyş edýär. Şol sanda Norwegiýa 1938-nji ýyldan soň, Boliwiýa 1950-nji ýyldan soň, Şweýsariýa hem 1966-njy ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşýar. Fransiýanyň ýygyndysy saýlama tapgyrynda soňky 2 duşuşykda 1 utuk gazansa-da bolýardy. Ýöne olara öz meýdançasynda Ysraýyly hem-de Bolgariýany ýeňmek başartmaýar (ikisindem ýeňilýär). Şonuň ýaly 1950-nji ýyldan bäri (Beýik Britaniýanyň wekilleriniň gatnaşyp başlan ýyly) ilkinji gezek Beýik Britaniýanyň ýeke wekili hem gatnaşyp bilmeýär. 24 ýygyndy 6 toparçada çykyş edip, çempionatyň açylyş duşuşygy Çikagoda Germaniýa bilen Boliwiýanyň arasynda geçirilýär. Şu çempionatda ýeňiş gazanan toparlara 3 utuk berlip başlanýar.

**«A» toparçada** ýer eýesi ABŞ Şweýsariýa bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnaýar. Rumyniýa güýçli düzümi bilen gatnaşan Kolumbiýany Radiçou (2) we Hajiniň gollary esasynda 3–1 utýar. Şweýsariýa-da Rumyniýany 4–1 ýeňýär. ABŞ Kolumbiýany Eskobaryň (35 ö.d.) hem-de Stýuwartyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňýär. Ýer eýeleri amerikanlar 3-nji duşuşygynda Rumyniýadan 1–0 hasabynda asgyn gelsede, ýaryşy dowam etdirýär. Rumyniýa 6, Şweýsariýa bilen ABŞ 4, Kolumbiýa 3 utuk gazanyp, öňdäki 3 ýygyndy 2-nji tapgyra çykýar.

**«B» toparçada** Braziliýa, Şwesiýa, Kamerun we Russiýa duşuşyp, olaryň ilkinji ikisi ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazanýar. Russiýany Romario we Raýyň gollary esasynda 2–0, Kameruny-da 3–0 (Romario, Santos, Bebeto) hasabynda utan braziller Şwesiýa bilen 1–1 deňme-deň oýnaýar (Romario 46 — K. Andersson 23). Toparçanyň iň ýatda galan oýny Russiýa bilen Kamerunyň arasynda bolup, ruslar 6–1 hasabynda ýeňiş gazanýar. Oýunda 5 gezek (15, 41, 44 p, 72, 75) tapawutlanan Oleg Salenko Dünýä Kubogynyň taryhynda 1 duşuşykda 5 gol geçiren ilkinji futbolçy bolýar (häzirlikçe ýeke-täk). Kamerunyň ýeke-täk goluny geçiren Rojer Milla Dünýä Kubogynyň taryhynda tapawutlanan iň ýaşuly futbolçy hökmünde hasaba alynýar.

**«C» toparçada** açylyş duşuşygynda Boliwiýany Klinsmannyň ýeke-täk goly esasynda utan Germaniýa (şu çempionatdan soň Germaniýa diýen at bilen gatnaşyp başlaýar) Ispaniýa bilen 1–1 deňme-deň oýnaýar (Klinsmann 48 — Goýkoeçea 14). Olar 3-nji duşuşygynda Günorta Koreýany 3–2 hasabynda kynlyk bilen ýeňýär. Oýunda Klinsmann 2 goly öz adyna ýazdyrýar. Ilkinji 2 duşuşygynda 2 utuk toplan ispanlar 3-nji duşuşygynda Guardiola we Kamineronyň (2) gollary bilen Boliwiýany 3–1 hasabynda ýeňýär.

**«D» toparçada** ýaryşyň iki täze wekili Nigeriýadyr Gresiýa, şol sanda Argentina bilen Bolgariýanyň ýygyndylary özara güýç synanyşýar. Argentina Gresiýany 4–0 (Batistuta 2, 44, 90 p, Maradona 60), Nigeriýa-da Bolgariýany 3–0 (Ýekini 21, Amokaçi 43, Amuneke 55) hasaplar bilen ýeňlişe sezewar edýär. Argentinlerden soň, bolgarlar hem grekleriň torundan jogapsyz 4 gol geçirýär (Stoiçkow 5 p, 55 p, Letçikow 65, Borimirow 90). Çekeleşikli geçen oýunda Argentina Nigeriýany 2–1 (Kanijja 21, 28 — Siasia 8) hasaby bilen ýeňýär. Toparçadaky 3-nji oýunlarda birmeňzeş netijeler hasaba alynýar. Argentina Bolgariýadan (Stoiçkow 61, Sirakow 90), Gresiýa hem Nigeriýadan 2–0 asgyn gelýär (Finidi Jorj 45, Amokaçi 90). Netijede, 6 utuk toplan Nigeriýa, Bolgariýa hem-de Argentina 1/8 finala çykýar.

**«E» toparçada** duşuşyklar diýseň täsin ýagdaýda geçýär. 1-nji oýunlarda Italiýa Irlandiýadan 1–0 utulýar (Houton 11). Norwegiýa hem Meksikany şol hasap bilen ýeňýär (Redkdal 84). 2-nji duşuşyklarda Italiýa Norwegiýany Dino Bajjonyň (69) goly bilen 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar edýär. Meksika bolsa Irlandiýany 2–1 hasabynda utýar (Garsia 42, 65 — Oldrij 84). 3-nji duşuşyklar deňlikde gutaryp, Italiýa Meksika bilen 1–1 (Massaro 48 — Bernal 57), Irlandiýa bolsa Norwegiýa bilen golsuz deňme-deň oýnaýar. Netijede, 4 ýygyndynyň hem 4 utugy bolup, Meksikadyr Irlandiýanyň hem-de Italiýanyň ýygyndylary ýaryşy dowam edýär. Meksika 3 gol geçirip, 3 gol geçirdýär. Irlandiýa bilen Italiýa 2 gol geçirip, 2 gol geçirdýär. 1 gol geçirip, 1 gol geçirden Norwegiýa toparçada 4-nji ýeri eýeleýär.




**«F» toparçada** Belgiýa Marokkony Degrisiň goly bilen 1–0 utýar. Niderlandlar Saud Arabystanyndan Ýonk hem-de Tautmentiň gollary esasynda 2–1 üstün çykýar. Duşuşykda araplaryň adyndan Fuad Anwar tapawutlanyp, ol milli ýygyndysynyň Dünýä Kubogyndaky ilkinji goluny geçiren oýunçy bolýar. Belgiýa Niderlandlary-da 1–0 ýeňýär (Albert 65). Araplar Marokkony 2–1 ýeňýär. 3-nji duşuşyklarda Saud Arabystany Belgiýany Said Al-Owairanyň owadan, taryhy goly bilen 1–0 utýar. Niderlandlar hem Marokkony 2–1 ýeňýär. Netijede, Niderlandlar, Saud Arabystany hem-de Belgiýa ýaryşy dowam edýär.

**Ikinji tapgyrda (1/8 finalda)** Germaniýa Belgiýany (Wöller 6, 40, Klinsmann 11 — Grün 8, Albert 90), Rumyniýa-da Maradonasyz Argentinany (Dumitresku 11, 18, Haji 58 — Batistuta 16 p, Balbo 75) 3–2 hasabynda ýeňýär. Ispaniýa Şweýsariýany 3–0 utan bolsa (Hierro 15, L. Enrike 74, Begiristain 86 p), Şwesiýa Dalin we Kennet Anderssonyň (2) gollary bilen Saud Arabystanynyň ýygyndysyndan 3–1 hasabynda üstün çykýar. Braziliýa ABŞ-nyň ýygyndysyny Bebetonyň 72-nji minutdaky goly bilen 1–0 ýeňip, ýer eýelerini ýaryşdan çykarýar. Niderlandlar Irlandiýany Bergkamp we Ýonkuň takyk urgularynyň netijesinde 2–0 hasabynda ýeňýär. Nigeriýa bilen Italiýanyň arasyndaky duşuşyk çekeleşikli geçip, ýewropalylar goşmaça wagtda Roberto Bajjonyň 2 goly esasynda ýeňşini baýram edýär (Amuneke 25 — R. Bajjo 88, 102 p). Esasy wagty 1–1 (Aspe 18 p – Stoiçkow 6) tamamlanan oýunda Meksika penaltileriň netijesinde Bolgariýadan 3–1 hasabynda asgyn gelýär.

**Çärýek finalda** Italiýa Ispaniýany Bajjolaryň gollary bilen 2–1 hasabynda utýar (D. Bajjo 25, R. Bajjo 88 — Kaminero 58). Edil şeýle netije Bolgariýa bilen soňky çempion Germaniýanyň arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, nemesler çempionaty wagtyndan ir terk etmeli bolýarlar (Stoiçkow 75, Letçikow 78 — Matteus 47 p). Esasy wagty 1–1, goşmaça wagty 2–2 tamamlanan oýunda şwedler rumynlary penaltileriň netijesinde ýeňlişe sezewar edip (5–4), 4-nji gezek ýarym finala çykýar. Çärýek finalyň iň gyzykly oýny Braziliýa bilen Niderlandlaryň arasynda bolýar. Çekeleşikli geçen oýunda sambaçylar 3–2 hasabynda ýeňiş gazanýar. Romariodyr (53) Bebetonyň (63) gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlanan brazillere Bergkamp (64) bilen Winter (76) jogap berýär. Oýnuň 81-nji minutynda Brankonyň uzakdan ýerine ýetiren jerime urgusy brazillere ýeňiş getirýär.

**Roberto Bajjo ýarym finalda-da** gol geçirmegini dowam edýär. 21-nji we 25-nji minutlarda tapawutlanan ýyldyz futbolçy toparynyň Bolgariýany 2–1 (Stoiçkow 44 p) hasabynda ýeňmeginde esasy roly oýnap, Italiýany finala çykaran oýunçy bolýar. Şeýlelikde, Italiýa 12 ýyldan soň ýene-de finala çykýar. Beýleki ýarym finalda-da Şwesiýa bilen duşuşan Braziliýanyň ýygyndysyna Romarionyň 80-nji minutdaky goly 5-nji sapar finala çykmagy üçin ýeterlik bolýar (1–0).

**Bürünç medal** ugrundaky duşuşyk Pasadena şäherindäki «Rouz Bowl» stadionynda oýnalyp, oňa 91 500 janköýer gatnaşýar. Oýunda BAE-li Ali Busjaim jürlewük çalýar. Ýewropanyň 2 wekili Şwesiýa bilen Bolgariýanyň arasyndaky duşuşykda skandinawlar örän şowly çykyş edýär. Eýýäm 1-nji ýarymda 4 gol geçiren şwedler 4–0 (Brolin 8, Mild 30, Larsson 37, K. Andersson 40) hasabynda ýeňşini baýram edip, 2-nji gezek bürünç medala mynasyp bolýar.

## GOLSUZ FINAL WE ROBERTO BAJJONYŇ PENALTISI

17-nji iýulda ýerli wagt bilen gündiz 12:30-da başlanan finalda wengriýaly Sandorm Pul jürlewük çalyp, Pasadenadaky «Rouz Bowl» stadionyndaky duşuşyga 94 194 janköýer tomaşa edýär. Iki toparyň finala çykmagynda esasy rol oýnan Bajjo bilen Romarionyň arasyndaky tutluşyga öwrülen oýun dartgynly bolsa-da, çekeleşikli bolmaýar. Iki topar mundan 24 ýyl öňem finalda duşuşypdylar we şonda Braziliýa Italiýany 4–1 hasabynda ýeňipdi. Oýnuň 1-nji ýarymynda, hatda 2-nji ýarymynda-da hasap açylmaýar. Goşmaça ýarym sagat oýnalýar. Onda-da üýtgän zat bolmaýar we duşuşyk Dünýä Kubogynyň taryhynda gol geçirilmedik final hökmünde hasaba alynýar. Şeýlelikde, penalti urgulary ýerine ýetirilýär. Ilkinji urup başlan italýanlardan Baresi, Massaro we Roberto Bajjo topy derwezä girizip bilmeýär. Toparyny finala çykaran super ýyldyzyň ýokary depen urgusy finalyň nyşanyna öwrülýär. Italýanlardan Albertini we Ewaniniň penaltileri takyk bolýar. Marsio Santos bilen şowsuz başlan brazillerden Romarionyň, Branko hem-de Dunganyň urgulary derwezä girýär. Netijede, penaltilerden soň 3–2 ýeňiş gazanan Braziliýanyň ýygyndysy 4-nji gezek Dünýä Kubogyny eýeleýär. Braziliýanyň milli ýygyndysy Dünýä Kubogyny 4-nji gezek eýelän ilkinji topar bolýar.

**ABŞ 1994**

**Çempion:** Braziliýa
**2-nji ýer:** Italiýa
**3-nji ýer:** Şwesiýa
**4-nji ýer:** Bolgariýa

**Gatnaşan toparlar (24):** ABŞ, Germaniýa, Argentina, Belgiýa, Braziliýa, Italiýa, Bolgariýa, Irlandiýa, Niderlandlar, Rumyniýa, Ispaniýa, Russiýa, Gresiýa, Norwegiýa, Şwesiýa, Şweýsariýa, Günorta Koreýa, Saud Arabystany, Kamerun, Marokko, Nigeriýa, Boliwiýa, Kolumbiýa, Meksika

**Geçirilen wagty:** 17-nji iýun – 17-nji iýul (1994)
**Geçirilen duşuşyk:** 52 oýun
**Geçirilen gol:** 141 (ortaça 2,71)
**Tomaşaçy:** 3 597 042 (ortaça 69 174)
**Iň ökde oýunçy:** Romario (Braziliýa)

● **GEÇIRILEN DUŞUŞYKLAR:** **«A»:** ABŞ—Şweýsariýa: 1–1, Kolumbiýa—Rumyniýa 1–3, Rumyniýa—Şweýsariýa: 1–4, ABŞ—Kolumbiýa: 2–1, Şweýsariýa—Kolumbiýa: 0–2, ABŞ—Rumyniýa: 0–1; **«B»:** Kamerun—Şwesiýa: 2–2, Braziliýa—Russiýa: 2–0, Braziliýa—Kamerun: 3–0, Şwesiýa—Russiýa: 3–1, Russiýa—Kamerun: 6–1, Braziliýa—Şwesiýa: 1–1; **«C»:** Germaniýa—Boliwiýa: 1–0, Ispaniýa—G. Koreýa: 2–2, Germaniýa—Ispaniýa: 1–1, G. Koreýa—Boliwiýa: 0–0, Boliwiýa—Ispaniýa: 1–3, Germaniýa—G. Koreýa: 3–2; **«D»:** Argentina—Gresiýa: 4–0, Nigeriýa—Bolgariýa: 3–0, Argentina—Nigeriýa: 2–1, Bolgariýa—Gresiýa: 4–0, Argentina—Bolgariýa: 0–2, Gresiýa—Nigeriýa: 0–2; **«E»:** Italiýa—Irlandiýa: 0–1, Norwegiýa—Meksika: 1–0, Italiýa—Norwegiýa: 1–0, Meksika—Irlandiýa: 2–1, Italiýa—Meksika: 1–1, Irlandiýa—Norwegiýa: 0–0; **«F»:** Belgiýa—Marokko: 1–0, Niderlandlar—S. Arabystany: 2–1, Belgiýa—Niderlandlar: 1–0, S. Arabystany—Marokko: 2–1, Belgiýa—S. Arabystany: 0–1, Marokko—Niderlandlar: 1–2

**1/8 FINAL:** Germaniýa—Belgiýa: 3–2, Ispaniýa—Şweýsariýa: 3–0, S. Arabystany—Şwesiýa: 1–3, Rumyniýa—Argentina: 3–2, Niderlandlar—Irlandiýa: 2–0, Braziliýa—ABŞ: 1–0, Nigeriýa—Italiýa: 1–2 (g.w.), Meksika—Bolgariýa: 1–1 (g.w.), 1–3 (p)

**ÇÄRÝEK FINAL:** Italiýa—Ispaniýa: 2–1, Niderlandlar—Braziliýa: 2–3, Bolgariýa—Germaniýa: 2–1, Rumyniýa—Şwesiýa: 2–2 (g.w.), 4–5 (p)

**ÝARYM FINAL:** Bolgariýa — Italiýa: 1–2, Şwesiýa — Braziliýa: 0–1

**3-nji ÝER ÜÇIN:** Şwesiýa — Bolgariýa: 4–0

**FINAL:** Braziliýa — Italiýa: 0–0 (g.w.), 3–2 (p)

## GYZYKLY MAGLUMATLAR

- Nigeriýa, Gresiýa, Saud Arabystany ilkinji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýar. Şeýle-de, Günbatar Germaniýa (GFR) Germaniýa, ozalky SSSR bolsa Russiýa diýen at bilen gatnaşyp başlaýar. Ilkinji sapar Afrika yklymyndan 3 topar gatnaşýar.
- Duşuşyklar ABŞ-nyň 9 şäherindäki 9 stadionda geçirilýär.
- Ortaça alnanda-da, umumy alnanda-da, iň köp janköýeriň tomaşa eden (stadionlarda) Dünýä Kubogy bolýar.
- 3 duşuşykda 6 gol salan, şolaryň 5-sini 1 oýunda tora girizen russiýaly Oleg Salenko 1 oýunda iň köp gol geçiren futbolçy bolýar. Şeýle-de, Salenko bolgariýaly Hristo Stoiçkow bilen bilelikde «Altyn butsy» baýragyny eýeleýär.
- Dünýä Kubogyna ilkinji sapar 1950-nji ýylda gatnaşyp başlan Beýik Britaniýanyň wekilleriniň ýekejesi-de birinji gezek gatnaşmaýar.
- ABŞ–Şweýsariýanyň arasyndaky oýun Dünýä Kubogynyň taryhynda üsti ýapyk meýdançada geçirilen ilkinji duşuşyk bolýar.
- Dünýä Kubogynyň taryhynda ilkinji sapar 3 utukly ulgama geçilýär we toparçalarda ýeňiş gazanan toparlara 2 däl-de 3 utuk berlip başlanýar.
- Dünýä Kubogynyň taryhynda ilkinji gezek futbolçylaryň köýnekçelerine olaryň atlary (familiýalary) ýazylýar. Çempionatda ilkinji gezek yza, ýagny derwezeçä pas bermek (ýagny berlen pasy eli bilen almazlyk) düzgüni hem ýola goýulýar.
- Dünýä Kubogynyň taryhynda ilkinji gezek final duşuşygynyň esasy we goşmaça wagtynda hasap açylmaýar hem-de ýeňiji penaltileriň netijesinde kesgitlenilýär.
- Prýudomm (Belgiýa); Žoržinio, Santos (ikisem Braziliýa), Maldini (Italiýa); Dunga (Braziliýa), Balakow (Bolgariýa), Haji (Rumyniýa), Brolin (Şwesiýa); Romario (Braziliýa), Stoiçkow (Bolgariýa), R Bajjo (Italiýa) çempionatyň simwoliki toparyna saýlanýar.
- Çempionatyň iň ýatda galan wakasy italýanlaryň finala çykmagynda uly rol oýnan Bajjonyň finalda penalti urgusyny ýokary depmegi bolýar.
- Italiýaly Janluka Palýuka Dünýä Kubogynyň taryhynda gyzyl kart alan ilkinji derwezeçi bolýar (Italiýa–Norwegiýa: 1–0).
- Çempionatyň maskoty «Striker» atly güjüjek bolup, çempionatda «Adidas»-yň «Questra» atly toplary ulanylýar.


TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

**Bagtyýar zamanamyzyň hormatly işewürleri!**

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky işewürlere hasaplaryny döwrebap we ýönekeýleşdirilen usulda dolandyrmaga mümkinçilik berýän **«Internet-banking»** hyzmatyny hödürleýär.

Bu hyzmat bilen ýurdumyzyň islendik künjeginden internetde birikdirilen enjam arkaly:

- ✓ *Bank hasaplarynyň galyndysyny barlamak we hasaplaryň göçürmesini almak;*
- ✓ *Satyn alnan harytlar we ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin hasaplaşyklary geçirmek;*
- ✓ *Alnan karz serişdelerine gözegçilik etmek;*
- ✓ *Bank bilen onlaýn tertipde habarlaşmak, maglumat alyşmak we beýleki bank hyzmatlaryndan peýdalanmak ýaly dürli görnüşli bank amallaryny özbaşdak ýerine ýetirip bilersiňiz.*

**«Internet-banking»** hyzmatyny birikdirmek isleseňiz Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz.

Işewürler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan alnan ulanyjynyň adyny we açarsözüni ýörite internet-sahypadaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bilersiňiz.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň **«Internet-banking»** hyzmaty Size serişdeleriňizi günüň islendik wagtynda ygtybarly dolandyrmaga we wagtyňyzy tygşytlamaga ýardam berer!

***Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:***
**44-49-60, 44-48-43, 44-48-36.**

***www.halkbank.gov.tm***

**«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!**





